Satuwa degişli däl

# ENE DILI

# 1



Bayragh.ir

G. GOŞAÝEWA, O. PÄLWANOWA

# ENE DILI

Orta mekdepleriň I synpy üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2009

MAZMUNY

Gyş ........................................................................................ 7
Altyn asyryň altyn nesilleri. ...................................................... 15
Türkmenistan – ata Watan! ........................................................ 25
Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. ......... 35
Çörek mukaddesdir ...................................................................... 39
Ertekiler ...................................................................................... 43
Mährem eneler ............................................................................ 50
Doganlyk, dostluk, agzybirlik ...................................................... 55
Ýaz ............................................................................................. 64
Ýagşy näme, ýaman näme? .......................................................... 72
Maşgala ....................................................................................... 79
Sanawaçlar, ýaňyltmaçlar, matallar.............................................. 87
Öý we çöl haýwanlary .................................................................. 93
Maý aýyndaky şanly seneler......................................................... 103
Boş wagtlaryňyz okaň! ................................................................. 114
Hany, oýlan, pikirlen! .................................................................. 120

*Göwher Goşaýewa, Ogulsoltan Pälwanowa*

# ENE DILI

Orta mekdepleriň 1-nji synpy üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Suratçylar | *G. Orazmyradow, G. Garaýew,* |
| | *H. Welmämmedow* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Şemmiýew* |

Ýygnamaga berildi 15.06.2009. Çap etmäge rugsat edildi 6.08.2009.
Möçberi 70x100$^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 10,32. Şertli reňkli ottiski 41,64.
Hasap-neşir listi 11,03. Çap listi 8,0. Sargyt 1501. Sany 80 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

## GYŞ

Güýz paslyndan soň gyş pasly gelýär. Gyş paslynda howa sowuk bolýar. Suwlar doňýar. Gar köp ýagýar. Gyş paslyna dekabr, ýanwar, fewral aýlary degişlidir.

Gyşda adamlar ýyly eşik geýýärler. Öýleri ýyly saklaýarlar. Watanymyzyň baýlygy bolan «mawy ýangyç» her bir öýi ýyladýar. Çagalar gyşda gar togalaýarlar. Buzda taýyp oýnaýarlar.

**Soraglar:**

1. Gyş pasly haýsy pasyldan soň gelýär?
2. Gyşda howa nähili bolýar?
3. Gyşda adamlar nähili eşik geýýärler?
4. Gyşda sen näme bilen meşgullanýarsyň?



## AÝAZLY GÜN

Aýnalary nagyşlap,
Akja garyn bagyşlap,

Daşda aýaz sygyrýar,
Oýnamaga çagyrýar.

Dazlap çykdyk meýdana,
Meýdanda gar, baý, kän-ä!

Gar tokgalap başladyk,
Kem-kem derläp, haşladyk.

Peýda boldy gar adam,
Pälwansypat, zor adam.

Käşir goýduk burnuna,
Kömür – gözüň ornuna.



Köne bedre başynda,
Dostlary bar daşynda.

*Myratgeldi Söýegow.*

**Sorag we ýumuş:**

1. Çagalar garly gün nähili oýun oýnadylar?
2. Gosgyny labyzly okaň.



## GUŞLARY IÝMLÄŇ!

Guşlar bize peýda berýär. Olar ekinlere zyýan berýän mör-möjekleri we haşal otlaryň tohumlaryny iýýärler.

Birnäçe guşlar yssy ýurtlara uçup gidýärler. Emma käkilik, sar, serçe, kepderi, hüwi, baýguş, garga, togdary, ördek ýaly guşlar hiç ýere gitmän, öz mekanlarynda ýaşaýarlar. Olar galan-gaçan ir-iýmişleri, däneleri çokup oňýarlar.

Ýöne juda buzly doňaklyklar bolanda, guşlar horlanýarlar. Şol wagtlar guşlara iým bermek zerur.

Çagalar, guşlara gyşdan çykmaga kömek ediň! Olary iýmläň!

**Soraglar:**

1. Guşlar bize nähili peýda berýär?
2. Haýsy guşlar biziň ýurdumyzda gyşlaýar?
3. Siz gyşda guşlara nähili kömek berýärsiňiz?

**Ýadyňyzda saklaň!**

Guşlara dänäniň, günebakaryň, garpyzdyr gawunyň, kädiniň çigitlerini berseň bolýar. Çigitleri döwüp berseň, has gowy bolýar.

**Biler bolsaňyz...**

Gysyna gije ýyldyzlar patrak ýaly bolup görünse, şatlama aýaz bolar.

## GAR ÝAGÝAR



Gar ýagýar-a
Gar ýagýar,
Daş-töwerek
Agarýar.

Gökje borjak
Ak don geýip,
Bu görnüşe
Edýär keýip.

Goja boldy
Ýowşan bary.
Sakgal edip
Akja gary.

Oý düzlendi,
Ýap gizlendi.
Uzyn jarlar
Tekizlendi.

Aýdyň indi,
Nätmek gerek?
Ynamlyja
Ätmek gerek!

*Giçgeldi Aşyrow.*

**Ýumuş:** Goşgyny ýat tutuň.



## GYŞ GÜNLERI MEÝDANDA

Açyk, güneşli, maýyl howa gysyna az bolýar. Şonuň üçin hem daýhanlara meýdanda işlemek kyn bolýar. Şeýle-de bolsa, gyş aýlarynda meýdanda köp işler edilýär. Täze ýylyň hasylynyň düýbi tutulýar.

Mehanizatorlar traktorlary bilen ekin ekiljek ýerlerde sürüm işlerini geçirýärler. Sürlen ýerler uly pellere bölünýär, dökün dökülýär. Soňra gyş suwy berilýär.

Bagbanlar gyş günlerinde baglaryň guran we döwlen şahalaryny kesip aýyrýarlar. Olaryň düýbündäki haşal otlary gyrçap aýryp, düýbüni agdaryp, ýumşadyp goýýarlar. Olara gyş suwy hem berilýär.

Daýhan birleşiklerde gysda hem gök önümleri öndürmek üçin ýyladyşhanalar bar. Daýhanlar ol ýyladyşhanalarda limon, pomidor, hyýar, sogan we başga-da birnäçe gök önümleri ösdürip ýetişdirýärler.



Garagumuň uzak öri meýdanlarynda agyr gar ýagyp, sowuk, doňaklyk başlansa, çopanlaryň işi has-da kynlaşýar. Şonuň ýaly pursatlarda daýhan birleşiklerinden ýörite adamlar gelip, çopanlara kömek berýärler. Öňden taýýarlanyp goýlan bedelerden alyp, mallara berýärler.

**Ýumuş.** Teksti okaň we soraglar düzüň.

### GUŞLAR

Gyş güni guşlar
Jürküldeşdiler.
Baga mündüler,
Ýere düşdüler.

Birden öwrülip,
Ylgady tama.
Diýdi güjürdäp:
–Mama, aý, mama!

Körpe Arzygül
Syn ede-ede,
Barmagyn dişläp,
Durdy beýlede.

Gusjagazlary
Hanha, görsene.
Iýmläýin ony,
Däne bersene!

*Mämmet Seýidow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

**Halk ýorgudy**

Kepderiler «Gu-gu»-laşsalar, açyk howa boljagynyň alamatydyr. Gargalar çüňküni ganatynyň aşagyna sokup otursalar, aýazly howa bolýar.

Gysyna gargalar gagyldaşsalar, gar ýagjagyny habar berdigidir.



**Biler bolsaňyz...**

Garyň üstünden gidip barýan towşana syn etmek nähili gyzykly. Ol özüniň agsamlyk ýatjak çöpüniň düýbüne baranok. Onuň gapdalyndan geçip gidýär. Soň ýene yzyna gaýdýar. Ýene öňe gidip, eýläk-beýläk gatnaýar. Bir ýerini torç edýär. Iň soňunda-da hälki ýatjak bolan çöpüniň gapdalyna öňki yzlarynyň üsti bilen böküp geçýär. Ol çöp bolsa, towşanyň geçen ýolunyň ep-esli gapdalyndadyr. Şeýdip, ol möjekden, şagaldan goranýar.

### HAÝWANLAR NÄHILI GYŞLAÝARLAR?

Adamlar gysda öý haýwanlaryny bede, saman, künjara we däne bilen idedýärler. Olary ýyly jaýlarda saklaýarlar. Adamlar öý haýwanlary üçin iýmiti, ýyly jaýy tomusdan taýýarlaýarlar.

Möjek, tilki, şagal ýaly çöl haýwanlary gyş aýlarynda öz iýjek iýmitlerini köp gözlemeli bolýarlar. Olar käwagtlar aç hem galýarlar. Şonuň ýaly bolanda olaryň goýun sürülerine çozýan wagtlary hem bolýar.

Keýikler, towşanlar bolsa çöp-çalam, agaç we ot köklerini iýip oňýarlar.

Ýylan, pysdyl ýaly haýwanlar bolsa gyşyna ýeriň aşagynda tä ýaz çykýança uzak wagtlap uklaýarlar.

**Soraglar:**

1. Öý haýwanlary nähili gyşlaýarlar?
2. Gyşda çöl haýwanlarynyň ýagdaýy nähili bolýar?

## GYŞ BILEN HOŞLAŞYK



Barha-barha azalyp,
Gyşyň gazap-gahary.
Tebigat oň ýerine
Alyp gelýär bahary.

Gargalar gagyldaşyp,
Gyşy sürüp barýarlar,
Torgaýlar göge galyp,
Ýaz gelýänin görýärler.

Garda ýuwulan baglaň
Pyntyklary ýaryldy.
Ýylaklar pyşyrdaşýar:
«Heý janelek!
Ýaz geldi!»

Bütin meýdan, dag-düzler
«Ýaz geldi» diýip seslenýär.
Hoş gal, gyş!
Hoş, mähriban!
Indi bahar islenýär!

*Nury Baýramow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

**Öwrenilen temalara degişli soraglar:**

**1.** Gyş paslyna haýsy aýlar degişli?
**2.** Gyşda howa nähili bolýar?
**3.** Gyşda haýwanlaryň we guşlaryň ýagdaýy nähili?
**4.** Gyşda adamlar näme bilen meşgullanýarlar?
**5.** Gyş hakynda haýsy goşgulary bilýärsiňiz?





**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Täze galkynyşy başdan geçirýän günlerimizde biziň her birimiziň baş maksadymyz Watanymyza, halkymyza hyzmat etmekden ybaratdyr.***





## BAGTYÝAR NESIL

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çagalar hakynda edýän atalyk aladalary örän uly.

Hormatly Prezidentimiz eşretli zamananyň bagtyýar nesli üçin giň, owadan, ýagty, ak mekdepleri, çagalar baglaryny, dynç alyş we sagaldyş merkezlerini gurup berdi. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem gözel paýtagtymyz Aşgabatda gurlan we gurulýan bu bilim ojaklary häzirki döwrüň talabyna laýyk edilip gurlandyr.



Ýurdumyzyň bagtyýar çagalary dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde dynç alýarlar. Olar hormatly Prezidentimize päk çaga ýüreklerinden sag bolsun aýdýarlar.



Hormatly Prezidentimiziň jany sag, işi rowaç bolsun!

**Sorag we ýumuş:**

1. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow çagalar üçin nähili aladalar edýär?
2. Teksti okaň we mazmunyny gürrüň beriň.

## MENIŇ EZIZ MUGALLYMYM

Saýlap sözüň gowusyn,
Berýäň ýagşy öwüdiň sen.
Ejem ýaly owadan sen,
Meniň eziz mugallymym.

Depder, galam eliňdedir,
Süýji sözüň diliňdedir,
Şan-şöhratyň iliňdedir,
Meniň eziz mugallymym.



Ata-baba ýörelgämiz,
Edep-ekram gönezligmiz.
Ähli işde göreldämiz,
Meniň eziz mugallymym.

*Sona Ýazowa.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

2. Sargyt № 1501

**Ýatda saklaň!**

Çagalar, şu suraty synlaň we partada dogry oturmagy unutmaň. Bu eginleriňiziň göni hem berk ösmegine, demiňizi päsgelsiz alyp bilmekligiňize kömek eder. Partada dogry otursaňyz, ýazan hatyňyz hem owadan bolar.



## EDEPLI OKUWÇY

Edepli okuwçy irden turar. Maşk eder. Soňra el--ýüzüni ýuwar. Rahat oturyp, çaý-çöregini iýer. Egin--eşiklerini geýnip, mekdebe wagtynda gider. Sapak wagtynda ýoldaşlary bilen gepleşmez, tertipli oturar.



Mugallymyň öwredýän zatlaryny üns berip diňlär. Özünden soralmadyk sowala jogap bermez. Bir zat soramak islese, elini galdyrar. Edepli okuwçy köpçülik işlerine işeňňir gatnaşar. Ýaltalyk etmez. Mekdebiň zatlaryny aýawly saklar. Partany, diwary çyzmaz. Öz kitaplaryny, depderlerini hapalamaz, ýyrtmaz.

Göreldeli okuwçy öýe gelip, naharyny edinip, biraz dynç alar. Ondan soň öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirer. Ejesine kömek eder. Her bir okuwçy okuwda we öýde özüni oňat alyp baryp, basgalara-da görelde bolmalydyr.

*Yklym Seýisow.*

**Sorag:**
Edepli okuwçy özüni nähili alyp barmaly?

### Meniň kitabym

Bu gün maňa, ertir saňa,
Dost bolar ol, bolar höwür,
Kitap diýmek ýagşy dostdur,
Sen şu hakda pikir öwür.

Kitabyňy aýap sakla,
Çyzyşdyrma, dökme syýa,
Beýle bolsa seniň, meniň
Jigilermiz çeker zyýan.

„Bir okana, bir dokana“
Diýen eken könelermiz.
Ýöne, sen dost, ýol bermegin
Kitaplaryň könelerne.

*Ç. Ýegenmyradow.*



## KITAPHANA

Biziň mekdebimizde kitaphana bar. Kitaphanada örän gyzykly kitaplar we gazet-žurnallar köp. Biz öýde okamak üçin kitaphanadan kitap alýarys. Men köp kitap okaýaryn. Aýratyn hem türkmen halk ertekilerini okamagy halaýaryn. Kitap biziň dostumyzdyr. Kitaby köp okamak gerek. Kitap bize köp zatlary öwredýär.

**Soraglar:**

1. Siziň mekdebiňizde kitaphana barmy?
2. Sen kitaphanadan kitap alýarmyň?
3. Sen haýsy kitaplary okadyň?

***Nakyl***

*Köp ýaşan köp bilmez. Köp okan köp biler.*



## OGLANLAR WE KITAP



Alyp kitap eline,
Okap berýär Çaryjyk.
Gulajygyn keýerdip,
Diňläp otyr Nurujyk.

Töwerekden diňleýärler,
Oglanjyklar gelişip,
«Sag bol» diýýärler Çara,
Gyzjagazlar gülüşip.

Her wagt okap otyr,
Kitapjygyn taşlaman.
Şatlanypjyk öz-özi,
Gaýgy-gamy ýatlaman.

*Aman Kekilow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## DIŞIM AKJA, ARASSA

Täze ýagan gar ýaly,
Dişim akja, arassa.
Hemmäniňkem şeýle bor,
Dişlerine seretse.

Agşam ýatjak bolamda,
Goýýan ähli işimi.
Pasta çalyp, çotgalap,
Ýagşy ýuwýan dişimi.

Ertir irden oýanyp,
Ýaltalygy kowýaryn.
Irki maşkdan soň ýene,
Ilki dişim ýuwýaryn.

Enem-atam öwretdi,
Üns berýärin men dişe.
Mydam aýap saklaryn,
Dişim gerek hemişe.

*Ýagmyr Pirgulyýew.*





**Ýatda saklaň!**

Dişleriňizi günde iki gezek–ertirine we agşam ýatmazdan öňürti arassalaň.

***

Dişleriňizi ýylda azyndan iki gezek diş lukmanyna barladyň. Hatda dişiň agyrmaýan bolsa-da, diş agyrynyň öňüni almak maksady bilen, şeýle etmeli.

***

Süýji zatlary we süýjüleri az iýiň. Çünki süýji zatlar dürli mikroblary emele getirýär, olar bolsa dişiň çüýremegine alyp barýar.

***

Her gezek nahardan soň agzyňyzy çaýkamagy unutmaň.



## GYZYL YŞYK

Ejem ikimiz daýymlara gitdik. Biz uly şähere geldik. Köçede adam köpdi. Köçeden maşynlar hem geçýärdiler. Birden ähli maşynlar sakga durdy. Men haýran galdym. Ejem eli bilen ýol sazlaýjy yşyklary görkezdi. Onuň ýanýan yşygy gyzyldy. Soňra ýaşyl yşyk peýda boldy. Şondan soň maşynlar geçip gitdi.

Köçäni kesip geçeniňde, diňe pyýada geçelgelerinden geçmelidigini ejem maňa düşündirdi. Soňra biz pyýada geçelgesine baryp, ilki çep tarapa seretdik. Maşyn ýokdy. Biz köçäniň ortasyna baryp, sag tarapyna seretdik. Ýol boşdy. Şondan soň biz köçeden geçdik.



**Soraglar:**

1. Köçeleriň çatryklarynda näme goýulýar?
2. Köçäniň çatrygyndan nähili geçmeli?

## BIZIŇ MEKDEP BAGYMYZ

Göwnümizi göterýär
Biziň mekdep bagymyz.
Miwe baryn getirýär
Biziň mekdep bagymyz.

Gök nahallar boý alyp,
Gözel güller açyldy.
Tomus çagy maý alyp,
Miwe baryn eçildi.

Bahar çagy bäs edip,
Agaçlary eken biz.
Her düýbüne esedip,
Zähmetini çeken biz.

Her haýsymyz her ýylda
Agaç ekeliň diýdik.
Her haýsymyz bäs sebet
Dökün dökeliň diýdik.

Göwnümizi göterýär
Biziň mekdep bagymyz.
Miwe baryn getirýär
Aýny iýjek çagymyz.

*Ata Atajanow.*

**Ýumuşlar:**

1. Gosgyny labyzly okaň.
2. Öz mekdep bagyňyz hakynda gürrüň edip beriň.

Bayragh.ir



## TÜRKMENISTAN – ATA WATAN!







Bu altyn ülke
Meniň mekanym.
Goýny baýlykly
Türkmenistanym.

*Nury Baýramow.*

## TÜRKMENISTAN




Biziň Watanymyz Türkmenistandyr. Türkmenistan uly we baý ýurtdur. Biziň Watanymyz bäş welaýatdan ybaratdyr. Olar Lebap, Daşoguz, Mary, Ahal, Balkan welaýatlarydyr.

Biziň ýurdumyzyň köp bölegini Garagum çöli tutýar. Ýurdumyzyň gyşy beýle sowuk bolmaýar. Tomsy örän yssy bolýar.

Türkmenistanyň ekin meýdanlarynda gowaça, bugdaý, şaly we beýleki ekinler ekilýär. Alma, erik, ülje, limon, şetdaly, üzüm ýaly miweli agaçlar, sonuň ýaly-da her hili saýaly agaçlar köp ekilýär.

Türkmenistanda nebit, gaz, ýod, kükürt, duz we başga ýerasty baýlyklar köpdür.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň ýurdumyzda her hili kärhanalar, edaralar guruldy.

Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheridir. Aşgabat şäheri gün-günden gözelleşýär. Hormatly Prezidentimiziň aladasy bilen paýtagtymyz dünýäniň iň owadan şäherine öwrülýär.

**Soraglar:**

1. Biziň Watanymyz nähili ýurt?
2. Ol näçe welaýatdan ybarat?
3. Biziň ýurdumyzda nähili ýerasty baýlyklar bar?
4. Türkmenistanyň paýtagty haýsy şäher?



## OGUZ HANDYR ASLYMYZ

Türkmeniň döreýşi Nuh eýýamyndan gözbaş alýar. Biz türk – iman – asly nur diýen ady alan türkmenlerdiris. Nesilbaşymyz Oguz han Türkmendir.

Bu günki türkmen halky Oguz hanyň neslidir. Oguz han Türkmeniň Gün han, Aý han, Ýyldyz han, Gök han, Dag han, Deňiz han diýen ogullary bolupdyr. Her oglunyň hem dört ogly bolupdyr.

Oguz han Türkmeniň 24 agtygyndan 24 taýpa emele gelipdir, şolaryň her biri aýratyn at we lakam alypdyr. Dünýäde ýaşaýan ähli türkmenler Oguz hanyň sol ýigrimi dört şahasyndan gelip çykypdyr.

*Ruhnamadan.*





## GARAGUM

Biziň ýurdumyzyň bäşden dört bölegini Garagum çöli tutýar. Garagum çöli dünýädäki iň uly çölleriň biridir.

Bahar paslynda Garagum çöli örän owadan bolýar. Çöl dürli güller, otlar bilen bezelýär. Töweregiňe syn etseň, durşuna güle bürenip oturan çomuja, cigildeme, gülälege, borjaga, gandyma, sözene we ençeme beýleki ösümliklere gözüň düşüp, göwnüň göterilýär.

Çölde ýazyň soňky aýlarynda howa yssy bolup başlaýar. Tomsuna çölde howa örän yssy bolýar.

Garagum çölünde çopanlar goýun-guzulary bakýarlar.



Soraglar:

1. Ýurdumyzyň köp bölegini näme tutýar?
2. Bahar paslynda Garagum çöli nähili bolýar?
3. Garagum çölünde nähili ösümlikler ösýär?
4. Garagum çölüniň tomsy nähili bolýar?

## MEN TÜRKMEN OGLY

Men – sada oglan
Türkmen dili–dilim.
Şol dilde gepläp,
Aldym men bilim.

Kalbymda sazy
Dutar, gyjagyň.
Kükregim oýkap,
Gerip gujagym,

Türkmendigime
Kemsinmedim hiç.
Men türkmen diýip
Degsinmedim hiç.

Bu yssy ülkäň
Her garyş ýerin
Söýüp ýaşaryn!

*Nury Baýramow.*

## BIZIŇ PAÝTAGTYMYZ

Aşgabat şäheri – Türkmenistanyň paýtagty. Aşgabat Köpetdagyň eteginde ýerleşýär. Bu şäher uly we owadan. Onda ak mermerden gurlan binalar köp.

Aşgabatda ýokary okuw jaýlary, mekdepler, muzeýler, seýil baglary, teatrlar, zawodlar, dürli kärhanalar, medeni merkezler, Türkmenbaşy adyndaky Halkara aeroport, Halkara sagaldyş merkezleri, sagaldyş öýleri bar.



Aşgabadyň göni we giň köçeleri bar. Köçelerden awtobuslar, trolleýbuslar gatnaýarlar. Aşgabat şäheriniň iň uzyn we owadan köçesi ilkinji Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň adyny göterýär.

Aşgabat şäherinde gözel ymaratlaryň ençemesi guruldy. Olar Prezident köşgi, Garaşsyzlyk seýilgähi, Döwletliler köşgi, Bitaraplyk binasy, Türkmenbaşynyň Ruhyýet köşgi, Buzly köşk, Ertekiler dünýäsi seýilgähi, Olimpiýa suw-sport toplumy, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Olimpiýa stadiony we başgalar. Adamlaryň saglygyny dikeltmekde Köpetdagyň eteginden geçýän Saglyk ýolunyň ähmiýeti diýseň uludyr.

**Soraglar:**

1. Aşgabat nähili şäher?
2. Aşgabatda nämeler bar?
3. Sen Aşgabat şäherini gördüňmi?
4. Sen haýsy şäherde ýaşaýarsyň?



## BITARAP TÜRKMENISTAN

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Garaşsyz Türkmenistan Bitarap döwlet boldy. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Karary bilen bu sene döwlet baýramçylygy diýlip yglan edildi. 1998-nji ýylyň dekabr aýynda Türkmenbaşy köşgüniň öňündäki meýdançada Bitaraplyk binasynyň dabaraly açylyşy boldy. Ol üç sütüniň üstündäki 75 metrlik desgadyr. Binanyň ýokarsynda ilkinji Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň 12 metrlik heýkeli oturdyldy.



## BITARAP TÜRKMENISTAN

Ýollaryň aýdyň seniň,
Bitarap Türkmenistan.
Her günüň aýdym seniň,
Bitarap Türkmenistan.

Alkyş bary ýagyp dur,
Rysgalymyz çogup dur,
Alnyňdan Gün dogup dur,
Bitarap Türkmenistan.

Ýaşasyn ýagty günler,
Il- günüň bagty günler
Josa gelýär göwünler,
Bitarap Türkmenistan.

*Ýaban Saparow.*

**Soraglar we ýumuş:**

1. Türkmenistan haçan Bitarap döwlet boldy?
2. Bitaraplyk binasy haçan guruldy?
3. Goşgyny ýat tutuň.

## GOWAÇA

Gowaça peýdaly ekindir. Ol mart aýyndan başlap, maý aýyna çenli ekilýär. Gowaçanyň gämikleri doly gögerip çykandan soň olar kök urýar. Ol ýerden gowy saýlanyp, gögerip otyrka ýekelenýär. Haşal otlardan arassalanýar. Soňra ilkinji suw tutulýar. Gowaçanyň sary güli bolýar. Ol wagtynda ekip ýetişdirilende her düýpde 14-16, hatda ondan hem köpräk goza emele gelýär.





Gowaçanyň her düýbünde 2-3 goza açylandan soň onuň hasylyny ýygnamaklyk başlanýar. Pagta ýygymy awgust aýynyň ahyrynda, sentýabr aýynyň başynda başlanýar.

Gowaçanyň pagtasy pagta zawodyna iberilip, pamyk edilýär. Ondan bolsa dürli hilli matalar dokalýar. Onuň çigidinden ýag, sarun we harpyk taýýarlanylýar. Çigidinden alynýan ýagyň galyndysyndan sabyn öndürilýär. Çöpi oba hojalygynda odun üçin peýdalanylýar.

**Soraglar:**

1. Gowaça haçan ekilýär?
2. Gowaça nähili idedilýär?
3. Pagta ýygymy haçan başlanýar?
4. Pagtadan nämeler öndürilýär?

## PAGTA

Eje, öňlük tiksene!
Ýüpjagazam daksana!
Kartalara baksana,
Açylypdyr pagta-da!

Haltajygam alaryn,
Irden pele gelerin,
„Ýaryşsaň, gel!“ diýerin
Bäsdeş joram Bagta-da.

Hiç gowşatman badymy,
Çalt uraryn ädimi,
Iller okar adymy
Mydam Hormat tagtada.

*Akbibi Ýusubowa.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

3. Sargyt № 1501

## BEÝIK GALKYNYŞLAR ZAMANY GELDI

Beýik Galkynyşlar zamany geldi,
Açyldy okuwa, bilime giň ýol.
Ýurt bir ýylda bir ýüz ýyllyk beýgeldi.
Ýüreklerde joşgun,
müň arzuw-hyýal.

Durmuşa geçirip arzuw - hyýaly,
Ýadaman işleýär Prezidentimiz.
Belent sepgitlere eltýär Diýary,
Gülläp barýar oba-şäher, kendimiz.

Çagalar baglary hem ak mekdepler
Gurlup barýar bir-birinden görkana.
Garaşsyz ýurdumda gadymy halkym
Hem nesiller örňäp – ösýär erkana.

Biz Watany söýýäs, Watan hem bizi,
Ýüreklerde alkyş, hormat, söýgi bar:
Aladalaň üçin sag bol, Prezident,
Goý, özgersin, össün mähriban Diýar.

*Atamyrat Atabaýew.*

## TÜRKMENISTANYŇ ILKINJI PREZIDENTI

Türkmen döwletiniň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow bir müň dokuz ýüz kyrkynjy ýylyň 19-njy fewralynda Aşgabat şäherinde eneden boldy. Saparmyradyň kakasy Atamyrat Nyýazow Watan goragyna gitdi. Ol uruşda söweşip,duşmanyň elinden bir müň dokuz ýüz kyrk ikinji ýylda wepat boldy. Saparmyradyň ejesi Gurbansoltan ökde halyçy bolupdyr. Ol Aşgabat şäheriniň haly fabriginde işläpdir. Gurbansoltan eje çagalarynyň bilimli, adamkärçilikli bolup ýetişmekleri üçin elinden gelenini edipdir.

Bir müň dokuz ýüz kyrk sekizinji ýylyň 6-njy oktýabrynda gije Aşgabat şäherinde güýçli ýer titremesi boldy. Şonda Saparmyratlaryň hem ýaşaýan jaýlary ýykylyp, ejesi Gurbansoltan, dogany Nyýazmyrat we jigisi Muhammetmyrat kesek astynda galypdyr. Sekiz ýaşly Saparmyrat öz ejesidir doganlaryny kesek astyndan çykaryp bilmändir. Soň onuň babasy Gurbangeldi aga we goňşulary kömege gelipdirler. Olar Gurbansoltan ejäni hem Nyýazmyratdyr Muhammetmyrady ýykylan jaýyň astyndan çykaryp alyp, olary Gypjak obasyndaky gonamçylykda jaýlapdyrlar. Şeýlelikde, Saparmyrat mähriban enesidir atasyndan ýetim galypdyr, eziz doganlaryndan jyda düşüpdir. Saparmyrada babasy Gurbangeldi aga hossarlyk edipdir.

Saparmyrat Gypjak obasyndaky 5-nji mekdebiň 7-nji synpyny tamamlap, Aşgabat şäherindäki 20-nji mekdepde tä 10-njy synpy gutarýança okapdyr. Ol bu mekdebi hem bäşlik bahalar bilen tamamlapdyr.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen döwletine birnäçe ýyllap ýolbaşçylyk etdi. Ol özüniň ahli zehinini we güýç-gaýratyny mukaddes Garaşsyzlyga, mähriban halkyna bagyş etdi.

Garaşsyz, Bitarap türkmen döwletini esaslandyryjy– Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy 2006-njy ýylyň 21-nji dekabrynda tarpa- -taýyn aradan çykdy.

**Soraglar:**

1. Saparmyrat birinji synpy nirede okapdyr?
2. Saparmyrat 10-njy synpy nirede we nähili bahalar bilen tamamlapdyr?

## BAÝDAK

Her döwletiň öz Baýdagy bolýar. Ol Baýdak şol döwletiň ýüzüni görkezýän kanuny döwlet nyşanlarynyň biridir. Şoňa görä-de Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolandan soň, bir müň dokuz ýüz togsan ikinji ýylyň 19-njy fewralynda Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet Baýdagy döredildi. Her ýylyň 19-njy fewraly Türkmenistanyň döwlet Baýdagynyň baýramy diýlip yglan edildi.

Ol biziň Garaşsyz hem baky Bitarap döwletimiziň mukaddeslikleriniň biridir.

**Soraglar:**

1. Döwlet Baýdagymyz haçan döredildi?
2. Baýdak baýramy haçan bellenilýär?





## ÇÖREK MUKADDESDIR



### MUKADDES ZAT

Tozana çümüp,
Garylyp çaňa
Ýatan bir çörek
Duş geldi maňa.

Galdyrdym ony,
Basgylanmasyn.
Çörek gum-laýa,
Goý, bulanmasyn.

Ýyljak çörekden
Gowy näme bar.
Asla çöreksiz
Oňup bolmaýar.

Çöregiň ysy
Özüne laýyk.
Gülüň ysyndan
Ysy ajaýyp.

Mydam Gün bolsun,
Hem bolsun ejem.
Ejem jan bilen
Bolaýyn men hem.

Hem çörek bolsun,
Bolsun örän bol.
Bilseň, bar zatdan
Mukaddesdir ol.

*Gurban Çöliýew.*

**Soraglar:**

1. Çörek nämeden edilýär we nähili bişirilýär?
2. Çöregi nähili saklamaly?

## BUGDAÝ

Biziň ýurdumyz ilkinji ak bugdaýyň mekany. Däneli ekinleriň arasynda bugdaý iň bir peýdaly ekindir. Bugdaýdan degirmende üwelip, un alynýar. Biziň iýýän çöregimiz bugdaý unundan edilýär. Bugdaý unundan diňe çörek däl, dürli aşlar, kökeler hem öndürilýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzda bugdaý köp ekilýär.



**Soraglar:**

1. Bugdaýdan un nähili alynýar?
2. Bugdaý unundan nämeler öndürilýär?
3. Galla baýramy haçan bellenilýär?

## DEGIRMEN

Gara öýüň içinde
Gaplaň deýin gürläpdir.
Şol gaplaňy kowalap,
Gyz-gelinler derläpdir.

Sähelçejik zat bolar
Bir kersen un gapanda.
Gabarypdyr ak eller
Degirmeniň sapynda.

Tes-tegelek goşa daş,
Meniň gaplaň diýýänim.
Şonuň bilen üwäpdir
Iller her gün iýýänin.

Maşyn aldy elinden
Degirmeniň işini.
Mirashanalarda ol
Ýatyr gysyp dişini.

*Gurban Çöliýew.*

### *Matal*

*Garaňky tamda gaplaň gürlär.*

## NAN OWUNTYGY

Gün öýleden agan mahaly Mergen Ýaranyň ýanyna geldi. Ýaran saçagyň başynda otyrdy. Ol saçagyň üstündäki süňkleriň, nan owuntyklarynyň baryny syryp başlady.

– Edýäniň näme? – diýip, Mergen Ýaranyň eline ýapyşdy.

Ýaran aňk-taňk boldy:

– Hä, näme edipdirin?!

– Heý, nan owuntygynam beýleki galyndylara gatyşdyrarlarmy?!

Ýaran hiç zada düşünmedi:

– Galyndydyr-da, hemmesini üýşürip, hapa atylýan bedrä gapgaraýmaly bor-da!

– «Nanyň galyndysy bolýan däldir. Onuň her owuntygy-da gyzylyň gyryndysy ýalydyr» diýip, mugallymymyz näçe gezek aýtdy?

– Onda nan owuntyklaryny näme etmeli?

– Men-ä gapymyzda, guş-gumrularyň geläýjek ýerinde ýaýbaňja tabak goýdum-da, galan-gaçan nan owuntyklaryny hemişe şoňa sepeleýän. Onsoň guşlar

jürkde-jürk bolşup, tabagyň içini-daşyny şagalaňa öwürýärler. Olara syn etmegem hezil.

– Be, şu diýýäniň dogry. Menem indi şeýtjek!

Şol günden soň Ýaran hem bir topar guşlar bilen dostlaşdy.

*Şamuhammet Halmuhammedow.*

**Soraglar:**

1. Ýaran nan owuntyklaryny nätjek boldy?
2. Mergen oňa nähili maslahat berdi?
3. Siz nan owuntygyny näme edýärsiňiz?!

## SAÇAGYŇ HÜMMETI

Gyzyp duran tamdyrdan
Güneş bolup çykar nan.
Ejem janyň mähri dek
Bar ünsümi çeker nan.

Myhmana giň açanym,
Dolup töre geçenim,
Ýazylanda saçagym,
Elwan öwsüp bakar nan.

«Owuntygma – azyma,
Sarpa goýgun özüme,
Wepaly bol duzuma»
Diýip, çawuş çakar nan.

Ýeriň ähli nygmaty,
Seniň bilen gymmaty.
Başda – saçak hümmeti
Goý, çörege hormaty!

*Giçgeldi Aşyrow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

**Öwrenilen temalara degişli soraglar:**

1. Biziň ýurdumyzda bugdaýyň haýsy görnüşi köp ekilýär?
2. Çörek nähili bişirilýär?
3. Çöregi nähili saklamaly?
4. Saçak barada näme gürrüň berip bilersiňiz?







## ÇÖREGIŇ BALA ÖWRÜLIŞI

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym döwürlerde bir oglan atasy bilen oduna gidipdir. Odun ýygjak ýerlerine baryp, goşlaryny düşürip, işe başlanlarynda oglanjyk:

– Ata, men ajygýan – diýipdir. Atasy oňa çörek berse, ol bir agyz dişläp goýupdyr, işdäsi almandyr. Oglan: «Çörek bilen iýer ýaly bal ýokmy?» diýipdir.

Atasy: «Baly alyp gaýtmadym, sebäbi basym çöregiň özi bala öwrüler» diýipdir.

Oglan oýnap, ýene birsellemden çörek iýip görse, ol bal ýaly dälmiş. Atasy oňa: «Sen arkaýyn oýnaber, çörek bala öwrülende özüm aýdaryn» diýipdir.

Oglan köp oýnapdyr, arasynda atasyna hem kömekleşipdir. Atasy bolsa şol sesini çykarman, diňe odun ýygyp ýörmüş. Ahyry oglan çydaman çörek sorapdyr. Atasy şonda-da entek birneme howlukmaly däldigini aýdypdyr. Oglan ýene atasyna kömekleşipdir. Oglan çydaman, ýene-de çörek sorapdyr. Bu gezek atasy oňa çörek beripdir.

Şondan soň dadyp görse, çörek bal ýaly süýjümişin. Asyl çöregiň ýanyna hiç hili zat gerek dälmiş. Onuň özi şeýle bir tagamlymyş, oglanjygyň ony iýdigiçe iýesi gelipdir. Munuň sebäbi nämekä?

**Soraglar:**

1. Oglanjyk atasy bilen nirä gidýär?
2. Ol atasyndan näme soraýar?
3. Atasy oňa nähili jogap berýär?
4. Nädip çörek bal ýaly süýji bolupdyr?





## GARGA, TILKI WE SYÇANYŇ DOSTLUGY

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir garga, bir tilki, bir syçan – üçüsi dost bolupdyr. Bular ýurt-ýurt gezip ýörkäler, tilki bir tamdyrdan ullakan ýagly çörek tapypdyr-da, ony dostlaryndan gizläpdir.

Bular gezip-gezip ajygypdyrlar, iýer-içer ýaly hiç zat tapmandyrlar. Ahyry tilki:

– Men bir zat tapdym, emma üçimize ol ýokam boljak däl. Ýöne birimiz iýsek welin, doýurjak – diýipdir.

Ine, şonda syçan:

– Beýle bolsa, bije atyşaýalyň – diýipdir.

Olaryň hemmesi syçanyň maslahatyna razy hem bolupdyrlar welin, birden garga:

– Iň gowusy, ýaş sanaşalyň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol iýmeli – diýip, bir maslahat tapypdyr.

Syçan haýdan-haý:

– Meniň-ä ýaşym on alty – diýipdir.

Garga bolsa:

– Meniň ýaşym ýigrimi dokuz – diýipdir.

Tilki hem gülümsiräp:

– Aý, siz-ä şindi çaga ekeniňiz, şu agajy görýärsiňizmi? Men jahyl wagtymda, şu agaç ýaňyja gögeripdi – diýipdir.

Şunluk bilen ýagly çöregi tilki iýipdir.

**Soraglar:**

1. Kimler dost bolupdyrlar?
2. Tilki ýaş sanaşanda näme diýipdir?
3. Ýagly çöregi kim iýipdir?

## GARYNJA WE GURBAGA

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym wagtlarda bir gurbaga bilen bir garynja dost bolupdyr. Garynja ýaz aýlary hin gazynyp, bütin tomus özüne gyş iýer ýaly azyk taýýarlapdyr. Emma garynjanyň dosty gurbaga bolsa ýaz we tomus günlerini kölden-köle göçüp, warryklap geçiripdir. Sundan soň gurbaga gyş günleri iýere zat tapman, garynja dostunyň ýanyna gelip:

– Eý, dost, maňa gyş iýer ýaly iýmit berip bilmezmiň? – diýip sorapdyr.

– Ýeri, gurbaga dost, ýyly günlerde özüňe gyş iýer ýaly zat taýýarlaman näme işlediň? – diýip, garynja sorapdyr.



– Ýyly günleriň hemmesini saz-söhbet bilen geçirdim, gyşa iýmit taýýarlamak ýatdan çykypdyr – diýip, gurbaga jogap beripdir.

– «Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz» diýipdirler dost, bar onda, şol saz-söhbetiň bilen oňuber – diýip, garynja hinine girip ötägidipdir.



**Soraglar:**

1. Garynjanyň ýanyna kim gelipdir?
2. Gurbaga garynjadan näme sorapdyr?
3. Garynja näme jogap beripdir?

## SABYRLY BOL!

I

Bir bar eken, bir ýok eken, bir horaz bilen bir towuk bar eken. Horaz üzümlige girip, bişmedik üzümleri iýmäge başlapdyr. Towuk ony görüp:

– Horaz, iýme, üzüm bişýänçä garaş! – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyny etmän, bişmedik üzümleri çokalap-çokalap doýup, zordan öýüne gelipdir-de:

– Wah, öldüm, maňa bir zat boldy – diýip gygyrypdyr.

Towuk oňa derman beripdir weli, horaz gutulypdyr.

II

Horaz gutulandan soň, meýdana çykypdyr. Ol derläp, çeşmeden sowuk suw içmäge barypdyr. Towuk oňa:

– Horaz, entek garaş, içme, sowuklarsyň! – diýipdir.

Horaz gulak asman, sowuk suwdan içipdir weli, sol wagt gyzzyrma tutupdyr. Towuk ony zordan öýüne getirip, bir ajy derman beripdir. Horaz köp wagt ýatyp, gyş düşende gutulypdyr.

III

Horaz gutulandan soň, derýanyň doňanyny görüp, buzuň üstünde taýyp oýnasy gelipdir. Towuk oňa:

– Sen howlukma, heniz derýa gaty doňmandyr, buz döwlüp, heläk bolarsyň – diýipdir.



Horaz onuň aýdanyna gulak asman, ýukajyk doňan buzuň üstüne münüpdir. Buz döwlüpdir we horaz buzuň aşagyna gidipdir. Horazy gark bolmanka halas edipdirler. Şondan soň horaz her bir işde sabyrly bolup, dostlaryna gulak asypdyr.



**Soraglar:**

1. Horaz näme iýip keselläpdir?
2. Horaz näme üçin soňky gezek keselläpdir?

***Nakyl***

*Sabyrly gul dura-bara şat bolar.*
*Bisabyr gul tiz ýolugar belaga.*

**Öwrenilen temalara degişli soraglar:**

1. Ýagly çöregi kim iýipdir?
2. Siz haýsy ertekileri bilýärsiňiz?

4. Sargyt № 1501

## MÄHREM ENELER

**Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Eziz eneler, hormatly gelin-gyzlar!***
***Siz durmuşyň güllerisiňiz, toýlarymyzyň bezegisiňiz, ojaklarymyzyň alawy, öýlerimiziň çyragysyňyz.***





## 8-NJI MART

8-nji mart Halkara zenanlar günüdir. Bu baýram aýal-gyzlaryň baýramydyr. Biziň ýurdumyzda aýallar öz islän kärlerinde zähmet çekýärler. Türkmen gelin-gyzlarynyň dokan halylary bütin dünýä bellidir. Olaryň elleriniň gudratyndan döräň nepis nagyşlary synladygyňça synlasyň gelýär.



Biziň ýurdumyzda aýallar barada köp alada edilýär. Olaryň arkaýyn zähmet çekip, işlemekleri üçin hemme mümkinçilikler döredilýär. Obalarda we şäherlerde çagalar baglary bar. Olarda çagalar oňat terbiýe alýarlar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda her ýylda aýal-gyzlaryň baýramçylygyna bagyşlap, olara sowgatlar gowşurylýar.

**Soraglar:**

1. Aýal-gyzlaryň baýramy haçan bellenilip geçilýär?
2. Biziň döwletimiz aýallar barada nahili alada edýär?

### GUTLAG

Mart aýynyň sekizi
Baýramyňyz, jan Ene.
Bu şatlykly günüňiz
Menem gutlaýan, Ene.

Bu gün bütin dünýäde
Iň bagtly Ene siz.
Zähmet bilen ýetdiňiz
Şu bagtly güne siz.

Size wepaly borus
Gülleýän ýaşlyk bilen.

Siz hakda aýdym aýdyp,
Okarys bäşlik bilen.

*Meretguly Garryýew.*

**Ýumuş:** Şu goşgyny ýat tutuň!

## EJELER HAKDA

Ejem bizden ir turýar,
Ejem bizden ýatýar giç,
Ejemden işeňňiri
Göremok men asyl-hiç.

Sygyr sagýan-da ejem,
Ejem oty orýan-da,
Galam, ellik ýitirsek,
Ejemdir agtarýan-da.

Nahar berýän ejem jan,
Ejem jan çaý demleýän.
Geplesek, ejem jandyr
Sözümizi diňleýän.

Ejeler guwanjymyz,
Ejeler az işlesin.
Ejeleriň işine
Hemmeler kömeklessin.

*Gurban Çöliýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## BAÝRAMÇYLYK SOWGADY

Bu gün – sekizinji mart! Bu gün Eneleriň baýramy. Kakamyrat, Serdar, Ruslan, Röwşen dagy hem bu güne sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Baýramçylyk mynasybetli ejelerini gutlamak üçin olaryň hersi özüçe sowgat taýýarlan bolsa gerek!

Ynha, Kakamyrat özleriniň mekdeplerindäki ösdürip ýetişdiren güli – güldanda açylyp oturan bägül bilen ejesiniň baýramyny gutlady.






Ýöne indi Serdarjyk näme sowgat ederkä?!

Ol howlukman, beýleki otaga geçdi-de, päpkesini alyp, ondan gündeligini çykardy. Soňra ejesiniň ýanyna gelip, gündeligini açdy-da:

– Eje, men ynha, saňa bäşlik sowgat getirdim! – diýdi.

Ejesi gündeligi açyp görse, dogrudan-da, onda bäşlik baha lowurdap durdy. Serdar baýramçylygyň öň ýanynda türkmen dili sapagynda «Meniň ejem» diýen temada düzme ýazypdyr. Düzmäni gowy ýazanlygy üçin mugallym oňa bäşlik baha goýupdyr.

Serdaryň ýazan düzmesi ejesi üçin täsin baýramçylyk sowgady boldy.

*Tirkeş Sadykow.*

## EJEME

Eje jan-a, eje jan,
Güler ýüzüň mähriban.
Her säher sypap başym
Çykyp gideňde işe.

Senden men kemal tapdym,
Bar sözüň derde derman.
Eje, başym gel diýip,
Garaşýan men hemişe.

Aý-gün dursun dünýäde,
Ejem dursun dünýäde.

Ejeleri agladýan
Uruş gursun dünýäde.

*Täşli Gurbanow.*

**Ýumuş:** Goşgyny ýat tutuň.

## HÜWDÜLER

Ala dagyň arçasy,
Mawut donuň parçasy,
Sensiň biziň öýmüziň
Täze açylan gunçasy.

Allaý-allaý allançak,
Suwlar akar bulançak,
Altmyş başly ak öýüň
Gelişigi sallançak.

***

Allaý-allaý, el biter,
Nar agaja gül biter.

Üç ýaşyna baranda
Saýrap duran dil biter.





## DOGANLYK, DOSTLUK, AGZYBIRLIK

*Agzybirlik – ebedi türkmen milletiniň baş ýörelgesidir. Dostluk beýik zatdyr, çünki ol adamy ruhy-aň ýalňyzlygyndan halas edýär.*

*Ruhnamadan.*



## DOSTLUK DIÝMEK NÄME?

– Dostluk diýmek näme?
– Päkize wyždan,
Ejizi goldaýan
Wepaly ynsan.

– Dostluk diýmek näme?
– Berk arkadagyň.
Göwne ganat berýän
Miweli bagyň.

– Dostluk diýmek näme?
– Dostuňa hormat.
Dostluk – baky bereket,
Biliňe gurbat.

– Dostluk diýmek näme?
– Rahatlygyň,
Ertire ak ýol açýan
Parahatlygyň.

*Ata Atajanow.*

## AGZYBIRLIGIŇ NETIJESI

Biziň ýurdumyzda dürli milletler ýaşaýar. Olar türkmenler, özbekler, ruslar, azerbaýjanlar, ermeniler, gazaklar, tatarlar, gyrgyzlar we beýleki milletlerdir. Bu milletleriň hemmesi agzybir ýaşaýarlar, zähmet çekýärler. Şol dostlugyň, agzybirligiň netijesinde biziň Watanymyz gülläp ösýär.

**Soraglar:**

1. Biziň ýurdumyzda haýsy milletler ýaşaýarlar?
2. Olar nähili ýaşaýarlar?

## BUÝSANÇ

Könelerimiz aýdypdyr:
«Agzybir il –
Abat il».

Gadymlardan gaýdypdyr:
«Agzybir il –
Abat il».

Ýaşulular – tugumyz,
Mugtdur gaz, suw, togumyz,
Bol bor gökdür agymyz,
«Agzybir il –
Abat il».

Daýanjymyz zähmetdir,
Zähmet soňy – rehnetdir,
Kynçylyk az möhletdir,
«Agzybir il –
Abat il».

Birlikdedir bagtymyz,
Geldi ajap wagtymyz.
Dostluk – täji-tagtymyz,
«Agzybir il –
Abat il».

*Hudaýguly Allamyradow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň we ýat tutuň.

## AGZYBIRLIK

Üç sany ýer urup, ýetim galan dogan bolupdyr. Olar günleriň bir güni çölde ýaraman ýatan goja duşýarlar, ony göterip öýlerine getirip, däri-derman edip, ýerli-ýerden ugruna seredýärler. Görüp otursalar, ol üç dogany synap görmek islän ýagşyzada eken. Bir gün ýagşyzada olara özüni tanadýar, baýlyk baryny berýär. Ýigitler öýlenip, öýli-illi, mally-hally bolýarlar. Gelinlerem, allanämemiş, günleri bal bilen ýag ýalymyş.

Günleriň bir güni üç dogan işe gideninde, ýagşyzada uly doganyň gelniniň ýanyna baryp:

– Gyzym, meniň müddetim doldy, men ýola gitmeli, näme gerek-ýaragyň bolsa dile – diýýär.

Uly gelin baýlyk, tylla-teňňe dileýär. Goja ikinji gelniň gapysyndan hem barýar. Olam:

– Gitseňiz, sag-aman baryň. Bize şu-şu baýlyklary berseňiz bolýar – diýen. Goja ýagşyzada onuň

diýeninem bitirip, haltasyny göterip, kiçi gelniň öýüne barýar.

–Gyzym, meniň barmaly ýerim köp, näme baýlyk gerek bolsa, dile men gitmeli – diýipdir.

– Atam, ozalky eden ýagşylyklaryňyza hem Alla ýalkasyn. Galsaňyz, didämiziň üstünde ornuňyz bar, gitseňiz hem sag-aman baryň. Bize beren baýlygyňyz bolýar, agzybirligi goýuň-da, gidiberiň!

Ýagşyzada özüni lampa ýere goýberipdir:

– Haý, gyzym, men agzybirligi goýup, hanjak gideýiň. Meniň bar baýlygymyň açary agzybirlik. Men ömürlik siziňkide galmaly boldum.

*Ruhnamadan.*

## IKI ÝOLDAŞ

*(Rus halk ertekisi)*



Iki ýoldaş tokaýyň içi bilen barýarka, öňlerinden bir aýy çykypdyr. Olaryň biri gaçypdyr we agaja çykyp gizlenipdir, beýlekisi bolsa ýolda galypdyr. Onuň alajy bolmansoň, ýykylypdyr we ölen ýaly bolup ýatypdyr.

Aýy onuň ýanyna gelip, ysgasdyryp başlapdyr, ol welin deminem almandyr. Aýy onuň ýüzüni ysgasdyryp, ölendir öýdüp, gidipdir.

Aýy gidensoň, beýleki ýoldaşy agaçdan düşüp:



– Ýeri, aýy seniň gulagyňa näme çawuş çakdy? – diýip gülüpdir.

Ol bolsa:

– Üstüne howp abananda ýoldaşyny taşlap gaçýan adam ýaramazdyr diýdi – diýip, jogap beripdir.

*L. Tolstoý.*

### Nakyl

*Ýagşy bilen ýoldaş bolsaň, galan işiň bitirer.*
*Ýaman bilen ýoldaş bolsaň, ýörän ýoluň ýitirer.*

**Soraglar we ýumuş:**

1. Iki ýoldaşyň öňünden näme çykypdyr?
2. Oglanlar aýyny görüp, nähili hereket etdiler?
3. Üstüne howp abananda ýoldaşy özüni nähili alyp bardy?
4. Nakyly ýat tutuň.

## ÝAŞYTDAŞYMA HAT

Ak kagyz bilen
Bolup başa-baş,
Saňa hat ýazýan,
Oka, ýaşytdaş.

Bar çagalara
Bolup görelde,
Dostluk guşuny
Saklaly elde!



| | |
|---|---|
| Alys ýurtly dost, | Goý, dynçlyk bolsun, |
| Ber bäri eliň! | Goý, açylsyn gül! |
| Bolaly indi | ...Saňa hat ýazýan |
| Eýesi Ýeriň! | Dostuňy bolsa |
| | Kerim diýip bil! |

*Nury Baýramow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## ŞALGAM

*(Rus halk ertekisi)*

Bir garry baba şalgam ekipdir. Şalgam örän ullakan bolup ýetişipdir. Baba şalgamy goparjak bolup, çeke-çeke goparyp bilmändir.

Baba kömege çagyrypdyr mamany. Mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.



Mama çagyrypdyr agtyjagyny. Agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Agtyjak çagyrypdyr güjügi. Güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Güjük çagyrypdyr pişigi. Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Pişik çagyrypdyr syçany. Syçan tutupdyr pişigi, pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparypdyrlar şalgamy.

**Sorag:**

Şalgamy nämäniň kömegi bilen goparypdyrlar?

### *Nakyllar*

*Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr.*

***

*Agzybirlik hemme zatdan güýçlüdir.*

***

*El eli ýuwar, iki el birigip ýüzi.*

***

*Ýekäniň çaňy çykmaz.*



## GOŇŞOKARA

Goňşokara
Bolan ekeni.
Bu gün erkinlik alan ekeni,
Kalba ýagşylyk
Salan ekeni.

Goňşokara–
Mukaddes adyň!
Hiç orta ýolda
Gaçmasyn badyň!

Alyň siz, alyň,
Goňşokara!
Wepaly boluň,



Goňşokara!
Goňşokora –
Alyň siz, dadyň!

Döwülmän geliň!
Döwülmän gidiň!
Ähli adamy
Dost-dogan ediň!

*Azat Rahmanow.*

**Sorag we ýumuş:**

1. Goňşokara baýramçylygy haçan geçirilýär?
2. Gosgyny labyzly okaň.

## GEL, MYHMAN

Gül ýüzüňi göreýin,
Gel, myhman, geç törüme!
Gök çaý demläp bereýin,
Gel, myhman, geç törüme!

Ýüregimiň erki sen,
Bagtly öýüň görki sen,
Dostlugymyz berkesin,
Gel, myhman, geç törüme!

*Giçgeldi Aşyrow.*

### *Nakyllar*

*Myhman gelmeýän öýüň ýykylany ýagşy.*

***

*Myhman atańdan uly.*

# ÝAZ



# ÝAZ GELDI

Howa kem-kemden maýlaýar. Günüň yssylygy barha artýar. Ýagyş köp ýagýar. Daglardaky garlar eräp başlaýar. Otlar gögerýärler. Agaçlar pyntyklap, ýapraklaýarlar, gülleýärler. Tebigatdaky bu alamatlar ýazyň gelendigini bildirýär. Ýaz paslyna mart, aprel, maý aýlary degişlidir.

Ekin meýdanlarynda iş köpelýär. Daýhanlar ýaz ekisine başlaýarlar. Ýazda gowaça, bugdaý we beýleki ekinler ekilýär.

Gyşda ýyly ýurtlara uçup giden guşlar ýurdumyza gaýdyp gelýärler.

Ýaz paslynda haýwanlaryň ýagdaýy hem gowulanýar. Olar gök otlardan doýýarlar.

**Soraglar:**

1. Ýazyň gelendigini nähili alamatlardan bilmek bolýar?
2. Ýaz paslyna haýsy aýlar degişli?
3. Ýazda daýhanlar näme edýärler?

## OGUZ HAN TÜRKMENIŇ TOPRAK-ÝER HAKDA AÝDANLARY:

Ýeriň üstünde jepa çeken (zähmet çeken) goýnunda rahat tapar.

Bir nahal ekseň, ýaşyň bakydyr.

Topragy söýmedik, Watany söýmez.

Ýekeje düwür ýeri harlan türk iman (türkmen) däldir.

Bir ýapragy ýolsaň, ömrüňden bir ýyly kemersiň, bir sahany döwseň, goluňy ýa aýagyňy döwdügiňdir, bir nahaly köki bilen goparsaň, ömrüňi kül etdigiňdir, bir agajy çapsaň, ömür daragtyňy çapdygyňdyr.

5. Sargyt № 1501

Zer alma, ýer al!
Suw atadyr, ýer – ene.
Toprak teniňdir, asman – ruhuň.
Başyň gökde bolsa-da, topraga tagzym et!

*Ruhnamadan.*

## IR BAHARDA

Sowuldy gyş,
Hezillik.
Ýagyş ýagdy,
Ezildik.

Ýag, ýaganak,
Ýaýnaly.
Guý, guýanak
Oýnaly.

Çaýlar dolup,
Şarlaşýar.
Otlar örüp,
Parlaşýar.

*Nazar Gullaýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny ýat tutuň.

## OBADA

Pyntyklady agaçlar,
Indi howa-da ýyly.

Uçup geldi bar guşlar,
Köpeldi meýdan güli.

Düýbi depilip kemsiz,
Çyrpylandyr bar üzüm.

Göm-gökje öwsüp ugran
Otlara düşýär gözüň.

Enemiň towuklary
Işdämen çokýar oty.

Günsaýyn görke gelýär
Obanyň tebigaty.

*Pirnepes Öwezliýew.*





## ÝAG, ÝAGANAGYM!

Ýag, ýaganagym!
Guý, guýanagym!
Ös, saçym, ös,
Ösmeseň, bes,
Atyma duşak,
Bilime guşak.

## ÇOPANYŇ GÜRRÜŇI

Ikinji synpyň okuwçylary ýaz dynç alşynyň iň soňky günlerinde çöle gezelenç etmegi ýüreklerine düwdüler.

Garagum çölünde jümjümedir çigildemleriň açylan gunçalary bütin töweregi bezeýärdi. Çagalar ep-esli meýdana aýlandylar. Birden olar bir beýik gumdan aşanlarynda, goýun sürüsine gabat geldiler. Çagalar çopan goşuna baryp görmegi makul bildiler.

Çopan goşunda çaý içip, dynç almaga wagt bolmady. Sebäbi çopanam, çoluklaram örän basagaý ekenler. Goýunlar guzlap başlapdyr.

– Goýunlaryň guzlaýan wagty goşdan gaty daşa gidip bolmaýar. Sebäbi her sagatda diýen ýaly guzular doglup dur. Esewan bolup durmaly. Täze bolan guzyny beýleki goýunlaryň basaýmagy hem mümkin. Eger süri goşdan sähel daş bolsa, şagaldyr tilki hem ony alyp bilse aljak.

Täze bolan guzulary guratmak gerek. Şeýle edilmese, guzular sowuklap, sagdynja bolup bilenok.

– Guzy doglan badyna ýöräp bilýärmi? – diýip, Jemal sorady.



– Edil doglan badyna bolmasa-da, biraz salym geçensoň guzy aýak üstünde durýar – diýip, çopan jogap berdi.

– Guzujyk haçan ot iýip başlaýar? – diýip, Ahmet sorady.

– Guzynyň otukmagy üçin azyndan bir hepde wagt gerek – diýip, çopan düşündirdi.

Okuwçylaryň çöle eden syýahatlary gyzykly geçdi.

**Soraglar:**

1. Okuwçylar nirä gezelenje gitdiler?
2. Olara çölde näme dusdy?



3. Goýunlar näwagt guzlaýarlar?
4. Siz ýaz günleri çölde bolup gördüňizmi?

## ÇEŞME



Bilýär eken
Dury çeşme.
Gowy däl,
Il bolsa teşne.

Şonuň üçin
Dagy deşip,
Belent ýerden
Pese düşüp.

Özüne ýol
Salypdyr ol.
Şeýdip, oba
Gelipdir ol.

*Otuz Ýowyýew.*

## TUT

Tut agajy örän peýdaly agaçdyr. Türkmenistanda tuduň, esasan, iki sany görnüşi ösýär. Ak tut hem gara tut. Şolar bilen birlikde şatutlar hem ösýär.

Tut agajy örän berk bolansoň, ol dutar, öý gap-gaçlaryny ýasamakda ulanylýar. Tuduň ýapragyndan, kökünden goňur, sary reňkleri hem almak bolýar. Tut agajy aprel aýynda ýapraklaýar we gülleýär. Maý aýynyň aýaklarynda bolsa miweleri bişip başlaýar. Tuduň bişen tudanasynda on bäş göterime barabar şeker bolýar. Şonuň üçin onuň miwesi iýmek üçin örän ýakymly. Tudana bişen

mahaly serçeler hem sarlar onuň töwereginden aýrylmaýarlar. Sebäbi tudana olar üçin iň lezzetli iýmişdir. Tut ýapragy ýüpek gurçugy üçin hem iýmitdir.



**Soraglar:**

1. Biziň ýurdumyzda tuduň haýsy görnüşleri köp ýaýran?
2. Tut agajynyň nähili peýdasy bar?
3. Tuduň tudanasy nähili reňkde bolýar?

## GARA TUT

Tut bişipdir –
Gara tut.
Dökülip dur ýere tut.
Özi ýeke bolsa-da,
Ýetjek hemmelere tut.

Uzyn-uzyn gollaryn
Aşaga egip iýdik.
Kim okara,
Kim jama,
Kim käsä ýygyp iýdik.



Elimizdir ýüzümiz
Gara reňke boýaldy.
Oglanlar-a hiç welin,
Gyzjagazlar uýaldy.

Bir-birege gülüşdik:
«Masgara-da,
Masgara!»
Hemmämize tudana
Murt ýasapdyr gap-gara.

*Hemra Şirow.*

**Biler bolsaňyz ...**

Torgaý ýerde ylgap gezýär. Ol çekirtgedir beýleki mör-möjekleri ylgap barşyna tutýar.

Torgaý saýrap bolansoň, höwürtgesiniň üstüne gonman, onuň 14–20 metrlik gapdalynda gonýar. Soňra çöp-calamyň arasy bilen ýapyrylyp, höwürtgesine ylgap barýar.

Uçup barýarka saýrap bilýän guş diňe torgaýdyr.

Bilbil, köplenç, agşamyna saýraýar. Ol maý aýynda bütin gijesini saýrap geçirýär.







## MENIŇ GAPJYK TAPYŞYM

Suwa düşeýin diýip,
Barýan wagtym ylgapjyk,
Tapdym ýoluň ugrundan
Içi doly pul gapjyk.

Futbol oýnarym ýaly,
Pökgi alaýyn diýdim.
Gawun dilerim ýaly,
Çakgy alaýyn diýdim.

Ýazda geýerim ýaly,
Çepek alaýyn diýdim.
Gyşda geýerim ýaly,
Teplek alaýyn diýdim.



Garda gezerim ýaly,
Ädik alaýyn diýdim.
«Ýöne, iliň puluna
Nädip alaýyn?» diýdim.

Kim ýitirdi, sesleniň,
Içi doly pul gapjyk?!
Sagbol alsam bes maňa,
Eltip berjek ylgapjyk.

*Hemra Şirow.*

**Soraglar:**

1. Oglanjyk näme tapypdyr?
2. Ol nähili oglan ekeni?
3. Eger siz gapjyk tapsaňyz nädersiňiz?

### *Nakyl*

*Altyn alma, alkyş al.*

## DOGRUÇYL OGLAN

*(Erteki)*

Bir garybyň bir ogly bar eken. Bularyň kyrk tyllalary bar eken. Atasy bu kyrk tyllany oglunyň köne donunyň ýakasyna tikip, ony söwdagärler bilen söwda etmäge iberipdir.

Ol ogluna:

– Oglum, dorguçyl bolgun, hiç wagt ýalan sözlemegin! – diýip tabşyrypdyr.

Söwdagärler köp ýöräp, az ýöpär, bir ýere ýetenler, olara galtamanlar duşýarlar we olaryň satmak üçin alyp barýan harytlaryny alýarlar.

Galtamanlar öz aralarynda:

– Şol köne donla şu zatlardan bereliň – diýip, maslahat edipdirler.

Olaryň biri ýaňsylap:

– Aý, köne donly, alar ýaly nämäň bar? – diýipdir.

Onda ol oglan:

– Meniň kyrk tyllam bar – diýipdir.

Onda galtamanlar gülşüp:

– Saňa meňzeşde kyrk tylla näme işlesin?! – diýipdirler.

Onda oglan donunyň ýakasyny söküp, kyrk tyllany olara görkezipdir. Onda galtamanlar:

– Näme üçin aýtdyň? Biz saňa gaýta pul berjekdik, indi bu puluňy hem alarys – diýipdirler.

Onda oglan:

– Zeleli ýok, maňa dogruçyl bolmagy, ýalan sözlemezli atam nesihat etdi – diýen.

Galtamanlar muňa geň galyp, söwdagärlerden alan harytlaryny gaýtaryp berip, galtamançylyk etmeklerini goýupdyrlar.

**Soraglar:**

1. Oglana atasy nähili wesýet edipdir?
2. Oglan nirä gidipdir?
3. Olara ýolda kimler duşýar?
4. Galtamanlar näme üçin alan zatlaryny yzyna gaýdyp beripdirler?

**Çagalar, siz hem şol oglan ýaly hemişe dogruçyl boluň!**



## GARAGOL KUWWAT

Öz bolşuna däl Kuwwat,
Baryp ýatan garagol.
Ylgar, çapar her ýana,
Derrew bir zat tapar ol.

Kesek atdy towuga,
Soň boşatdy geçini.
Gyzyl dörjük etdi ol
Uly howlyň içini.

Çybyk alyp eline,
Bozdy aryň öýüni.
Çozup çykan arylar
Ýetirdiler eýini.

Tutup çişen gözüni
Aglap, uly ses etdi.
Ýöne Kuwwat şondan soň
Bezzatlygny bes etdi.

*Orak Şyhyýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## BEZZAT ÇAGALAR

Mekdepden gelen Aşyryň bu gün keýpi ýokdy. Men ondan keýpsizliginiň sebäbini soradym.

– Näme, biri göwnüňe degdimi, uruşdyňmy?

– Ýok, urşamok. Bilýäňmi, kaka, mekdepde nähili çagalar bar?

– Ýok, bilemok. Nähili çagalar bar?

– Bezzat çagalar bar.

– Olar näme bezzatlyk edýärler?

– Janly burçumyzdaky towşanjygyň gulagyndan çekýärler. Pyşbagany kesekleýärler. Gurbaga görserem, daş zyňyp ýörler. Ursaň, olaryň bir ýeri agyrar ahyry, şeýle dälmi?

– Hawa, agyrar. Haýwanlara, umuman, hiç hili jandara azar bermeli däl. Dogrudan hem, seniň diýýän çagalaryň bezzat ekeni...

– Bilýäňmi, kaka, olar ýene-de nähili garagollyklar edýärler?!

– Ol nähili garagollyklar?

– Agaçlaryň şahalaryny döwýärler.

– Ol-a, gowy däl.

– Şahalaryny döwseň, agaçlar üçin agyryly bolýandyr-a, şeýle dälmi?

– Elbetde.

– Men şunça aýdýanam welin, olar gulak asanoklar.

– Bu barada mugallymyňyza aýtmadyňmy?

– Ýok, aýtmadym.

– Aýtmaly ekeniň. Aýdan bolsaň, mugallymyňyz olaryň edýän işleriniň nädogrudygyny düşündirerdi, olary tertibe çagyrardy.

– Ertir hökman aýdaryn, kaka!

– Şeýt, oglum, aýt! Sebäbi, haýwanlary, ähli janly-jandarlary, tebigaty goramak biziň hemmämiziň borjumyz. Dasyňy gurşan dünýä aýawly garamak bolsa, ynsanyň iň gözel häsiýetleriniň biri.

*Tirkeş Sadykow.*

**Soraglar:**

1. Aşyr näme üçin mekdepden keýpsiz geldi?
2. Kakasy Aşyra nähili maslahat berdi?
3. Siz tebigaty goraýarsyňyzmy?



**KIM GÜNÄLI?**

Kowalady Arzygül,
Böküp gitdi pişijek.
Jamda duran gatygy
Döküp gitdi pişijek.

Elin çarpdy Arzygül:
«Ejem gelse görersiň.
Munuň üçin, garagol,
Indi burçda durarsyň».

Gelip görse ejesi,
Halyň üsti zaýady.
Ony pişik dökse-de,
Arzygüle käýedi.

Näme üçin beýtdikä,
Bilýäňizmi, siz ony?
Pişikmi ýa Arzygül,
Haýsy etdi günäni?

*Mämmet Seýidow.*

**Ýumus:** Goşgyny ýat tutuň.



## EÝERJEK BOL NAKYLA

Gulak salsaň, men saňa
Ençe öwüt bereýin.
Eziz inim, eliňde
Günde kitap göreýin.

Başarsaň, batyr inim,
Ýata suwy içmegin.
Özüňden ula duşsaň,
Salam bermän geçmegin.

Eneň-ataň sarpasyn
Başdan belent saklagyn.
Emen süýdüňi halal
Lebziň bilen haklagyn.

Görseň gaçan çöregi,
Alyp ýüze sylgynyň.
Ýowuz günde derdine
Ýarajak bol il-günüň.

Bardy-geldi büdrese
Ýoldaşyň ýolda birden.
Göter ony, goldaw ber,
Galdyrgyn bada ýerden.

Özümden ejiz diýip,
Degmedige degmegin.
Ýa-da ýaranjak bolup,
Belent başyň egmegin.

Seniň eliň hiç haçan
Guş ketegin ýykmasyn.
Öz-özüňe eýe bol,
Sözüň iki çykmasyn.

Gury sözüň – ýagşysy
Ýyldyrymdyr, unutma!
Magtanyp, danasyrap,
Işden öň akyl satma.

Baharda bägül bilen
Alma ekmäge çalyş.
Dostuňa gelen derdi
Bile çekmäge çalyş.

Ýamanlyk ýüzün görmez,
Är eýerse akyla.
Akylam äsgermeseň,
Eýerjek bol nakyla.

*Ata Atajanow.*

**Ýumuş:** Mugallym okap, manysyny düşündirmeli.







## BIZIŇ MAŞGALAMYZ

Biziň maşgalamyzda sekiz adam bar: atam, enem, kakam, ejem, erkek doganym, gyz doganym, jigim we özüm. Enem öý işlerine seredýär. Kakam daýhan birleşikde kärendeçi bolup işleýär. Ejem mekdepde mugallym bolup işleýär. Atam öýde mallara seredýär. Gapymyzdaky agaçlaryň düýbüni depýär.

Biziň hemmämiz her gün irden turýarys. Ýuwnup, geýimlerimizi geýýäris. Ertirlik edinýäris. Soňra ulularymyz öz işlerine ugraýarlar. Biz hem mekdebe gidýäris. Jigim hem çagalar bagyna gidýär.

Işden we okuwdan gaýdyp gelenimizden soň, hemmämiz üýşüp nahar iýýäris. Ondan soň dynç alýarys, radio diňleýäris we telewizor görýäris, gündelik gazet-žurnallary okaýarys. Biz bagtly we şatlykly durmuşda ýaşaýarys.

**Soraglar:**

1. Siziň maşgalaňyzda näçe adam bar?
2. Maşgalaňyzda kim näme işleýär?

## ÇAÝ

Lowlap ýanýan gyzyl ot,
Alawlaýar – oýnaýar.
Gaza goýan çäýnegim
Hanha eýýäm gaýnaýar.

Ýadap işden geler tiz,
Agam, kakam hem ejem.
Gyzgynjak çaý içeris
Ählijämiz bile–jem.

Çaýdan gansak mazaly,
Ýadawlyk gaçar kem-kem.
Maňa sag bolsun aýdar
Agam, kakam hem ejem.

*Pirnepes Öwezliýew.*

**Ýumuş:** Gosgyny labyzly okaň.

## AÝAKGAP KÄRHANASYNDA

Baýramyň kakasy aýakgap kärhanasynda işleýär. Ol bir gün Baýrama ýaldyrawuk, täzeje köwüş getirdi.

Baýram:

– Sen köşwi köp wagtlap tikdiňmi? Bagjyk ötürilýän deşiklerini etmek kyn bolan bolsa gerek? – diýip, kakasyndan sorady. Kakasy:





– Bu köwşi köp adam tikdi – diýip aýtdy.

– Meniň işim diňe biçip bermek. Men biçimçi. Bagjyk ötürilýän deşijekleri Begenjowyň topary edýär. Olar muny maşyn bilen ýerine ýetirýärler. El bilen bu işi etmek kyn we uzaga çekýär.

Beýleki işçiler içligini tikýärler, ökjesini goýýarlar. Bularyň hemmesi hem maşyn bilen edilýär. Biziň kärhanamyz aýakgaby köp öndürýär. Işçiler mundan hem gowy işläp, ýurdumyza öňküden-de köp aýakgap öndürip bermäge çalyşýarlar.

**Soraglar:**

1. Baýramyň kakasy nirede işleýär?
2. Aýakgaby kärhanada nähili tikýärler?

## ATAM IKIMIZ

Atam her gün ir turup,
Baga gidýär daň bilen.
Piljagazym alýan-da,
Menem gidýän oň bilen.

Ine, şonuň üçin hem
Bag ekmäni başarýan.
Çöp-çalamyn aýyryp,
Ýer depmäni başarýan.

*N. Ýusubow.*

**Ýumuş:** Gosgyny labyzly okaň.

## ENE HEM AGTYGY

Sona birinji synpda okaýardy. Ol harplary owadan ýazmaga jan edýärdi. Bir gezek mugallym onuň depderlerini barlap, bäşlik baha goýdy.

6. Sargyt № 1501



– Şeýdip, okamaga, ýazmaga yhlas etseň, ökde okuwçy bolup ýetişersiň – diýdi.

Sona öýe gelende enesi ik egrip otyrdy. Sona depderini açyp, alan bahasyny enesine görkezdi.

– Ine, ene, ýazuwdan bäşlik baha aldym.

Enesi bäşlik bahany görüp begendi.

– Ýazanlarymy okap görsene, ene!

– Men okap bilemok-da, gyzym. Harplaryňam hemmesini tanamok!

Sonajyk muňa geň galdy. Enesi oýun edýändir öýdüp ýylgyrdy. Emma enesiniň çynydy. Ol agtygyna düşündirdi:

– Gyzym, menem sen ýalykam mekdebe gatnap başlapdym. Emma ýetimçilik başyma düşdi-de, wagtlaýynça okuwdan galmaly boldum. Soňam uruş turdy. Şeýdip, sowatsyz galdym.

Sonanyň öz enesine ýüregi awady.



– Ene, gaýgy etme! Men saňa hemme harplary öwrederin!

Sona depderdir galamy enesine berdi. Enesi agtygynyň göwni üçin harplaryň birnäçesini depdere ýazdy. Ol harplary synlady-da, mugallymynyň aýdan sözlerini enesine aýtdy:

– Şeýdip, okamaga, ýazmaga yhlas etseň, ökde okuwçy bolup ýetişersiň!

*Hojamyrat Goçmyradow.*

**Soraglar:**

1. Sona näçenji synpda okaýar?
2. Ol ýazuwdan näçelik baha alypdyr?
3. Sona enesine näme öwretmekçi boldy?

## ÝAŞAJYK MÜLKDAR

Maksat daýhançylygy gowy görýärdi. Ol ekinleriň gämik bolup gögerip başlaýşyny, baglaryň täze



pyntyk ýaryp, ýuwaş-ýuwaş ýapraklaýşyny, gol-pudak ýaýradyşyny synlamagy halardy. Her gämijegiň gögerip çykyşyna begenerdi.

Maksadyň kakasy mülkdardy. Ol öz mülk ýerine bugdaý, gowaça ekýär. Maksat kakasynyň mülk ýerinden haýyş edip, azajyk ýeri bölüp aldy. Ol ýeri ot-çöpden arassalady, depip goýdy. Gyşda mal ýataklaryny syryp-süpürip, ýeri gowy dökünledi. Alabaharda ýeri ekişe taýýarlady, joýa çekdi, dyrmyklamaly ýerini dyrmyklady. Soňra ol ýere käşir, sogan, şugundyr, noýba ekdi. Maksadyň eken ekinleri oňatja gögerdi we bol hasyl berdi.

Ine, Maksat şeýdip, ekin ekmäge, gowy hasyl almaga ökdeläpdir. Geljekde ol kakasy ýaly mülkdär bolar.

Maksat halal zähmet çekip, Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň gülläp ösmegine uly goşant goşar.

**Soraglar:**

1. Maksadyň kakasy kimdi?
2. Maksat nämeler ekdi?
3. Ol kim bolup ýetişer?

## EJEM SAGYMÇY

Akja halady
Egne ýaraşar.
Süýtli sygyrlar
Oňa garaşýar.

Kän sygry sagýar,
Ökdedir juda.
Öri meýdana
Soň çykar pada.





Ýap-ýaşyl meýdan
Otly, çaýyrly,
Mal gezmelese
Şonça haýyrly.

Ejem bu käri
Ýürekden söýdi.
Şondan bolelin
Sygyrlaň süýdi.

*Hally Seýit.*

**Soraglar:**

1. Kimlere sagymçy diýilýär?
2. Seniň ejeň haýsy kärde işleýär?

## MAWY GÜLLI KÄSE

Guwanç kakasynyň getiren mawy gülli käsesini gören badyna halady. Indi ol her gezek çaý içilende, käseleriň arasyndan mawy gülli käsäni saýlap alardy.

Bu gün Guwanç mekdepden gaýdyp gelende, öýde hiç kim ýokdy. Ol basyrylyp goýlan çäýnegi öňüne aldy. Mawy gülli käsäni çaýkady-da, içindäki çaýy açyk duran penjireden serpjek bolanda, käse elinden gaçdy.



Daşa degen käsäniň jyňňyrdysy eşidildi. Guwanç iki bölek bolup ýatan owadanja käsäni aldy-da, gap-gaç goýulýan tekjäniň burçunda gizledi. Agşam Guwanjyň kakasy bilen ejesi işden geldiler. Çaý içildi. Olar mawy gülli käsäniň ýokdugyna ünsem bermeýän ýalydylar.

Aradan iki gün geçdi. Okuwdan gelen Guwanç basyrylgy çäýnegiň gapdalynda öňki ýaly abatja, lowurdap duran mawy gülli käsäniň durandygyny gördi. Ol utançdan we haýran galmakdan ýaňa gyzaryp, gap-gaç goýulýan tekjäniň burçlaryny barlady. Ýöne ol ýerde eýýäm tötänden döwlen we gizlenip goýlan mawy gülli käse ýokdy.

*Atajan Annaberdiýew.*

**Soraglar:**

1. Guwanç käsäni nädip döwdi?
2. Guwanç käsäniň döwlenini ejesine, kakasyna aýtdymy?
3. Guwanç okuwdan gelende näme gördi?





## SANAWAÇLAR

### Başam barmak baş getirer

Başam barmak baş getirer,
Süýem barmak süýt getirer,
Orta barmak ot getirer,
Ogulhajat ok atar,
Külbikejik kül atar.

### Gün çykdy

Gün çykdy.
Gülälek çykdy,
Harman başyna
Jäjek çykdy.

### Iňňe-iňňe

Iňňe-iňňe,
Ujy diňňe,
Bal-balyna,
Şek-şekine,
Gotur geçi,
Möle geçi,
Halalaň-hapbaň,
Güleleň-güpbeň,
Ýaryl-böwsül,
Tur, sen çyk!

### Aýterek-günterek!

- Aýterek!
- Günterek!
- Bizden size kim gerek?



– Saýrap duran dil gerek!
– Dilleriň haýsy gerek?
– Güljan atly gyz gerek.

**Ýumuş:** Sanawaçlary labyzly okaň.

## ÝAŇYLTMAÇLAR

### Topum



Eýläk togalananja topum,
Beýläk togalananja topum.
Togalana-togalana,
Güýmenje bolaganja topum.

### Ogry garga

Garga gurda garady,
Garry garga garady.
Garga gurdy garbady,
Garry garga gargady.



*Hemra Şirow.*



### Çepbekeý

Çepegiňi – çepbe geýme,
Çepbekeý!
Sag çepegiň saga,
Çep çepegiň çepe geý!

### Towşan

Towşan, towşan, towşan, towşan
Öýlerine gowşan towşan.
Ýygyp ýörkä ýowşan towşan,
Çal möjege duşan towşan.



### Sözlär ussa, assa-assa

Kyssa aýdyp assa-assa,
Işläp otyr Aşyr ussa.
Aşyr ussa diýdi Desse:
– Pilim saplap ber-dä, ussa!
– Bolýar – diýen bada ussa,
Begenipjik gitdi Desse.

*Kaýum Taňrygulyýew.*

**Ýumuş:** Ýaňyltmaçlary ýat tutuň.

## TAPMAÇALAR

Men-ä burunlak,
Garynlak çişik.
Ýöne çaý berýän,
Gelseňiz üýşüp.
Gaşymy çytyp,
Duramok çişip.



*

Hüşgärdir gaty,
Herrelip galmaz.
Açarsyz bolsaň,
Öýüňe salmaz.



Ak bolsa päliň,
Hem berseň eliň.
Men göwni açyk,
Gir öýe, açyl!

*



Gezer suwda,
Ýatar suwda.
Bütin ömri
Öter suwda.



Çümer gider,
Golaý gelseň.
Jigim, onuň
Adyn bil sen.

*Kasym Nurbadow.*

*

Güýç-gurbaty towudyr,
Horazdan has gowudyr.
Gije-gündiz ýadaman,
Wagty aýdar adama.

Süpürmeli çaňyny,
Gurup ýatsaň jaňyny,



«Tur» diýer-de, jyrlar ol,
Öz dilinde gürlär ol.

*Hally Seýit.*

***

Ýuwman iki elini,
Geçdi saçak başyna.
Indi örän howlukmaç,
Bakman degre-daşyna.
Ýuwdy diňe iýensoň,
Gerk-gäbe doýansoň.



*

Üstünde ýatmak
Näsaga ünji.
A ýadaw kişä
Berýändir dynjy.



*

Ýassyk üçin per berer,
Iýmäge-de, ýumurtgany.
Gysganmaýar asyl bizden,
Eh, nämekän, biliň, hany?



*Azat Rahmanow.*

**Ýumuş:** Tapmaçalaryň jogabyny aýdyp beriň.

## MATALLAR



Agyr halym kaka bilmen,
Ownuk daşym döke bilmen.



Mundan urdum gylyjy,
Arapda şaňlar ujy.

Gara çaýyrly depe.





Ýapy ýüzünde ýarty kepbe.



Gider-gider yzy ýok,
Dayanmaga dyzy ýok.



Bir alaja ýüpüm bar,
Nirä uzatsam ýetýär.



«Deger» diýsem, degmez,
«Degmez» diýsem, deger.



Ýeri ak,
Tohumy gara,
El bilen ekerler,
Dil bilen orarlar.

**Ýumuş:** Matallary ýat tutuň.



## ÖÝ WE ÇÖL HAÝWANLARY



## ÖÝ HAÝWANLARY

Düýe, at, goýun, geçi, pişik, it, eşek – bulara öý haýwanlary diýilýär. Öý haýwanlary adamlara köp peýda berýär. At adama münmek üçin ýagşy ulagdyr. Düýe hem ýük daşamakda ulanylýar. Düýäniň eti iýilýär, süýdünden çal edilýär. Düýe çaly derman bolýar, ýüňünden hem saçak dokalýar, ýorgan edilýär. Sygyr bolsa süýt, gatyk, gaýmak we ýag berýär. Sygryň hamyndan köwüş tikilýär. Goýun et, ýag, ýüň berýär. Onuň ýüňünden jorap, ellik örülýär. It howly saklaýar. It adamlara wepaly haýwandyr. Goýun itleri sürini goramakda çopanlara ýakyn kömekçi. Itler serhedi goramakda hem serhetçilere kömek edýärler. Pişik öýdäki syçanlary tutup, adamlara peýda berýär.

Adamlar öý haýwanlaryny idedýärler. Gyş günleri olary ýyly jaýlarda saklaýarlar.

**Soraglar:**

1. Öý haýwanlary haýsylar?
2. Olaryň nähili peýdasy bar?
3. Siz öýüňizde nähili haýwanlary saklaýarsyňyz?
4. Siz ýene nähili öý haýwanlaryny bilýärsiňiz?

## DÜÝE ÇALY

Biz deň-duş oglanlar bolup ertir irden köle balyk tutmaga gitmegi maslahatlaşdyk.

Ertesi ir bilen enem meni sypdyrmady. Ol:

– Ilki düýäni örä kowup gel! Soň islän ýeriňe git – diýdi.

«Düýäni nirä kowandygymy enem bilip durmazla. Ol haýsy ýerde otlanda näme?» diýdim-de, kekreli meýdana kowdum...

Biz günuzyn kölüň boýunda bolup, çeňňek bilen balyk tutduk. Suwa düşdük. Gün ýaşmanka oba geldik. Düýämiz eýýäm ýatagyndady. Enem ondan sagyp alan süýdüni gorküýzesine eňterdi. Soňra gorküýzäni çaýkap-çaýkap, agaç çanaga çal guýup maňa uzatdy. Çaly başyma çekmek üçin çanagy ýokary göterip, oňa dodagymy basdym. Birinji owurdy zordan ýuwudyp, başymy galdyrdym:

– Çal öt ýaly-la, ene!

Enem geňirgenip, maňlaýymy elläp gördi.

– Nähoşlap dagy eden dälsiň-dä?

– Men tut ýaly sag. Gorküýzä bir ajy zat gaçandyr?!

Enem gorküýzedäki çaly başga bir gaba boşatdy. Onuň düýbüni barlady. Hiç zat gaçmandyr. Ol soňra meniň ýüzüme seretdi-de:

– Dogryňdan gel, düýäni haýsy ýere kowduň?

– Kekreli meýdana.

– Gördüňmi? Bir küýze çaly harama çykardyň!

Düýäniň süýdüniň tagamy iýýän höregine baglydygyny men şonda bilip galdym. Şondan bäri düýämizi kekreli ýeriň golaýyna-da eltmeýän, mydama ýandakly ýerde bakýaryn.

*Oraz Guwanjalyýew.*

**Soraglar:**

1. Oglanlar nirä gitdiler?
2. Düýäniň çaly näme üçin ajy bolupdyr?
3. Düýäniň beýleki haýwanlardan tapawudy nähili?

**Biler bolsaňyz...**

Düýäniň gözüniň iki gabagy bolýar. Onuň aşaky – ýukajyk, ýaldyrawuk gabagy gözi çäge düşmekden goraýar.

Düýä iki ýüz elli kilograma çenli ýük ýüklemek bolýar. Ol şeýle mukdardaky ýük bilen her günde 30 kilometr ýol geçip bilýär. Düýeler bir hepdeläp hiç zat iýmän-içmän gezip bilýärler.

## KÖŞEJIK



Mähirlidir ýaşajyk,
Egri boýun köşejik.
Patanaklap, «bö» edip,
Eder oýun köşejik.

Taýjagazdan uly ol,
Söýýär otluk çöli ol,
Haşal ýa körpe bolsun,
Ýa ýandak, arpa bolsun.

Syryp, düýrüp ýörendir,
Ot seljermez, horandyr.
Iýsin-iýmesin, mydam
Gäwüşäpjik durandyr.

*Aky Baýmyradow.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.





## TAÝÇANAK

Has ýaşajyk dor taý men,
Kiçem bolsam, zor taý men.
Idetseňiz mazaly,
Atylaryn ok ýaly.

## GUZY



Men bir çalja guzy men,
Söýýän çöli, düzi men.
Öýde peçejik iýýän,
Torly paçajyk iýýän.



## PIŞIJEK

Peýläp ýatar pişijek,
Syçan tutar pişijek.
Çörek berseň iýer ol,
Soňra „myr-myr“ diýer ol.

*Kaýum Taňrygulyýew.*

## SYGYR



Sygyr aýdar molaryn,
Öz gölämi halaryn,
Ot tapmasam nalaryn,
Gamyş-hyşa içinde.

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

7. Sargyt № 1501



## GAMYŞGULAK BEDEWIM

Her ynsana söýdürer,
Gamyşgulak bedewim.
Misli ynsan diýdirer,
Gamyşgulak bedewim.

Çarpaýa galsa eger,
Boýy buluda deger.
Gudratyň özi, meger,
Gamyşgulak bedewim.

Duýgurdyr, öňden syzar,
Bela-betere dözer.
Köpüň kölünde ýüzer,
Gamyşgulak bedewim.

Birje kişňäp seretse,
Goýmaz kalbyňda gussa.
Söýsem–söýer müň esse,
Gamyşgulak bedewim.

*Hudaýguly Gurbanow.*

**Soraglar we ýumuş:**

1. Bedew baýramy haçan bellenilýär?



2. Atlara dakylýan nähili atlar bar?
3. Gosgyny labyzly okaň.

## ÇÖL HAÝWANLARY

Ýolbars, gaplaň, gulan, keýik, towşan, tilki, şagal, möjek ýaly haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär.

Bu haýwanlar çölde, dagda, tokaýda ýaşaýarlar. Olar özlerine we çagalaryna iýmiti dürli ýollar bilen agtarmaly bolýarlar. Çöl haýwanlary üçin gyş pasly has kyn we agyr pasyldyr. Şoňa görä-de olar gyşda has horlanýarlar.

Çöl haýwanlary özlerinden ejiz haýwanlary awlaýarlar.

**Soraglar:**

1. Haýsy haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär?
2. Gyşda çöl haýwanlary nähili bolýar?
3. Siz ýene haýsy çöl haýwanlaryny bilýärsiňiz?

## KEÝIK

Men çöldäki beýik-beýik
Depeleri gören keýik.
Alaňlardan böküp bilýän.

Ymgyr çöli söküp bilýän,
Tüweleý dek atylaryn,
Awçylardan gutularyn.



## ÝOLBARS



Men, zorlaryň biri men,
Tokaýlaryň şiri men.
Meni gören gaçybir,
Bar haýwanlaň piri men.

*Kaýum Taňrygulyýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## GAPLAŇ

Gaplaňyň göwresiniň uzynlygy üç metre, agramy üç ýüz kilograma ýetýär. Ýolbarsyň agramy weli gaplaňyňkyça ýokdur.

Gaplaň awuny bukuda ýatan ýerinden, örän okgunly topulyp tutýar. Gaplaňyň kuwwatly aýaklarynyň demir ýaly berk, pyçak ýaly ýiti dyrnaklary, penjeleri bolýar.

Gaplaň bir günüň dowamynda ýedi kilogram et iýýär. Gaplaň suwda gowy ýüzýär. Käte derýalardan hem hiç bir päsgelsiz çalt ýüzüp geçip gidýär.

Ene gaplaň her iki-üç ýyldan bir gezek bahar aýlary





çagalaýar. Onuň iki-dört çagasy bolýar. Gaplaň çagalaryny iki aýa çenli ene süýdi bilen ekleýär. Soňra kem-kemden ete öwrenişdirýär. Çagalary özlerini tutandan soň, ene gaplaň olary yzyna düşürip, aw etmegiň tärlerini öwredýär.

*Nury Baýramow.*

**Soraglar:**

1. Gaplaň nähili haýwan?
2. Gaplaň suwda ýüzüp bilýärmi?
3. Ene gaplaň haçan çagalaýar?
4. Ol çagasyny näme bilen ekleýär?

## TILKI

Gapan gurdy bir tilki,
Çukur gazdy ol tilki.
Tilki tutup gapanyň



Ýaýyny ykjam depdi.
Çukurjykda goýdy-da,
Üstüne gumdan sepdi.

Gapan bildirmez ýaly,
Tekizledi mazaly.
Sübseledi gapany,
Tilkijik hiç düýrükmän,
Gapan şarka ýazdy-da,
Ildi sübse guýrukdan.

Geldiler ol towşanlar,
Ylgap ýapydan aşyp.
Towşanlar şeýle diýip,
Güldüler jykyrdaşyp:
«Guran gapanyňa, tilki,
Özüň düşäýdiň ilki!»

*Kaýum Taňrygulyýew.*

### Nakyl

*Ýakma - bişersiň, gazma - düşersiň.*

Bayragh.ir







## ÝEŇIŞ GÜNI

Bir müň dokuz ýüz kyrk birinji ýylyň 22-nji iýunynda faşistik Germaniýa asuda oturan halklaryň üstüne çozdy. Eli ýarag tutan her bir adam öz Watanyny goramak üçin duşmanyň garşysyna söweşe çykdy. Beýik Watançylyk urşunda ähli halklaryň agzybirligi, dostlugy, gahrymançylygy bilen duşman goşunlary derbi-dagyn edildi, ýeňiş gazanyldy.

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni – 9-njy maý.

Urşuň tamamlananyna 55 ýyl geçeninden soň, iki müňünji ýylyň 4-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen şol urușda gurban bolan gerçekleriň ählisine Türkmenistanyň Milli Gahrymanlary diýen at dakyldy.





**Soraglar:**

1. Beýik Watançylyk urşy haçan başlady?
2. Bu uruşda nämäniň netijesinde ýeňiş gazanyldy?
3. Uruşda wepat bolan gerçeklere nähili at dakyldy?

## ÝADYGÄRLIK

Beýik Watana
Duşman çozanda,
Batyr esgerler
Söweşdi şonda.

Ýeňildi duşman,
Begendi bar ýer.
Arman ýitirdik.
Ençeme esger.

Gorkmady buzdan,
Gaýtmady otdan,
Düşmedi olar
Güýçden-kuwwatdan.

Olaryň sönmez
Şan-şöhraty bar.
Gurduk olara
Baky ýadygär.

Uzap dur göge.
Ol Aşgabatda.
Ýaňlanyp dur saz.
Ýanyp dur ot-da.

*Gurban Çöliýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## ÝEŇIŞ GÜNI

Beýik Watançylyk urşy Ýeňiş bilen tamamlandy. 9-njy maý Ýeňiş günüdir.



Garaşypdyk Saňa göreşler bilen.
Ol göreşleň niçik göreşdigini,
Diňe garaşan däl,
Göreşen biler

– diýip, şahyr Kerim Gurbannepesowyň «Ýeňiş» gosgusynda belleýşi ýaly, tutuş halkymyz bu Ýeňşe garaşypdy.

Gazaply urşuň kynçylykly günlerinde türkmen esgerleri hem duşmanyň garşysyna mertlerçe söweşdiler. Bu uruşda Ýeňiş üçin türkmen gerçekleriniň müňlerçesi öz şirin janlaryny gurban etdiler. Näçe ýyl geçse-de, halk öz mert ogullaryny unutmaýar. Olaryň hatyrasyny belent tutýar. Olar hakdaky ýatlama biziň kalbymyzda baky ýaşaýar. Olaryň görkezen edermenligi ölmez-ýitmezdir.

Bu gün türkmen topragynda asuda, parahat durmuş höküm sürýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe halkymyzyň agzybirligi, jebisligi barha berkeýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen uruş weteranlary üçin ähli ýeňillikli şertler döredildi, şeýle hem ýokary pensiýalar bellenildi.

**Soraglar:**

1. Ýeňiş baýramy haçan bellenilýär?
2. Haýsy türkmen esgerleriniň görkezen edermenlikleri barada bilýärsiňiz?
3. Biziň ýurdumyzda uruş weteranlaryna nähili sarpa goýulýar?

## TÜRKMEN HALYSY

Bütin dünýä aýlanyp ýör
Gözel türkmen halysy.



Bar halydan saýlanyp ýör
Gözel türkmen halysy.

Uly abraý, ada eýe,
Sowgat bolar uly toýa.
Her otaga, her bir öýe
Bezeg türkmen halysy.

Gyz-gelinleň el hünärin
Wasp etseň, aýtmarsyň ýaryn.
Ýene-de at-abraý baryn
Gazan, türkmen halysy.

Gözeldir Garagum ýaly,
Ilimiň arzuw-hyýaly.
Ömürboýy bu dünýäni
Gezer türkmen halysy.

*Atamyrat Atabaýew.*



**Soraglar:**

1. Haly dokamak üçin nähili gurallar gerek?
2. Türkmen halylary nähili dokalýar?
3. Türkmen halylary näme üçin dünýä belli?
4. Halyçylaryň baýramy haçan?

## MAGTYMGULY PYRAGY



Magtymguly Pyragy beýik akyldar, öwüt-nesihatçy şahyr bolupdyr.

Magtymguly öz ýurduny, halkyny ýürekden söýüpdir. Ol bütin ömrüni öz Watanyna, halkyna bagyşlapdyr. Şahyr öz goşgularynda il-ýurdy tüýs ýürekden söýmegi, oňa hemişe wepaly bolmagy, dönüklik etmezligi ündäpdir.

Akyldar şahyr durmuşda adamlaryň mert, batyr, akylly-başly, dosta wepaly, eli hünärli bolmaklaryny isläpdir. Ol öz goşgularynda iň gowy däp-dessurlary, dostluk, myhmansöýerlik, dogruçyllyk, zähmetsöýerlik ýaly ajaýyp duýgulary wasp edipdir.

Türkmen halky we örän köp ýurtlaryň halklary beýik Magtymgula uly hormat goýýarlar.

**Soraglar:**

1. Magtymguly kim bolupdyr?
2. Ol öz goşgularynda nämeleri wasp edipdir?



## IÇINDE

*(Goşgy gysgaldylyp alyndy)*



Ýaýylar ganat-perler,
Hup açylar depderler.
Bölek-bölek kepderler
Hüw diýr harman içinde.



Bilbil aýdar: köşgüm bar,
Bahar gözleşigim bar,
Gülzar üçin yşkym bar,
Bagy-bossan içinde.



Durna aýdar: uçar men,
Bagdat suwun içer men.
Gyş Hindistan göçer men
Läle-zaran içinde.



Turaç tili senada,
Ördek tili penada,
Gazlar galkyp howada,
Gözi umman içinde,



Gumrular owaz bilen,
Tawus işi näz bilen,
Kaknus guş müň saz bilen
Şol Hindistan içinde.

*Magtymguly.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

## TOMUS

Howanyň gyzyp ugramagy bilen ýaz paslynda gögeren otlar gurap başlaýar.

Tudanalar bişip, irki erikler saralyp başlaýar. Arpalar, bugdaýlar baş ýasap, şemalyň ugruna tolkun atyp otyrlar. Diýmek, ýaz geçip, tomus başlanypdyr. Tomus paslyna iýun, iýul, awgust aýlary degişlidir. Tomusda gije gysgalyp, gün has uzalýar. Tomus paslynda howa örän yssy bolýar. Garagum çölünde has-da gyzgyn bolýar.

Tomusda miweli agaçlaryň miweleri bişýär. Bakja we gök ekinleriň hasyly ýetişýär. Meýdan otlary gurap gitse-de, suwarylyp ekilýän ýerlerde güller köp bolýar. Gowaça gül-pürçük bolup otyr. Onuň sary gülleri jöwzaly yssydanam känbir gorkmaýar.

Tomsuň iň ajaýyp zady onuň bag-bakja berýän ýaraşygy, ekinleri ösdürişi, miweleri bişirisi, ir-iýmişleriň tagamyna bal goşuşydyr.

**Soraglar:**

1. Tomus pasly haýsy pasyldan soň gelýär?
2. Tomus paslyna haýsy aýlar degişli?
3. Tomsuň nähili peýdasy bar?

## TOMUSDA

Köpeler howry
Tomusda Günüň.
Suwda bar gözi,
Ýapragyň, gülüň.

Samana döner
Maýsasy düzüň.
Süzüler durar
Yssyda gözüň.

Günüň bol howry
Bar ýere düşer.
Gyzgyn çägede
Ýumurtga bişer.

Gyzgyn ýel öwsüp,
Garaldar ýüzüň.
Sahy hem gyňyr
Tomsumyz biziň.

*Gurban Çöliýew.*

**Ýumuş:** Goşgyny labyzly okaň.

## SUW, GÜN, HOWA

Obanyň gapdalyny syryp geçýän suwly ýabyň boýy oglanlardan doly. Bu ýerde suwa düşülýän güzer bar.

– Artyk, sen suwda ýüzüp bilýärmiň?
– Hawa.
– Jigiňem ýüzüp bilýärmi?



– Ýok, entek ol ýüzüp bilenok. Men şu gün oňa ýüzmäni öwretjek – diýip, Artyk jigisiniň elinden tutup, suwa

girdi. Onuň bilinden tutup, eli bilen aýagy bilen hereket etmegi öwretdi. Şundan soň ol güzeriň ýalpak ýerinde ýüzmäge, pažžyldadyp suw oýnamaga durdy.

Oglanlar suwa düşüp ýadanlaryndan soň, gumuň üstünde oturyp, arassa howadan dem aldylar, günüň çoguna meýmirediler.

Suwa düşmek örän peýdaly. Ýöne käbir oglanlar ýaly, uzyn gün suwdan çykman oturmaly däl. Ulular kiçilere suwa düşen mahaly hökman esewan bolmaly.

*Nury Baýramow.*

**Soraglar:**

1. Oglanlar güzere näme üçin üýşýärler?
2. Artyk jigisine näme öwredýär?
3. Suwa düşülýän wagtynda ulular näme etmeli?

## DYNÇ ALYŞDA

Bugaryp dur gyzgyndan
Ýeriň äpet arkasy.
Tümmül bolup bişipdir
Peliň bugdaý, arpasy.

Ala garpyz çekýärin,
Salyp goňur horjuna.
Tomus meni öwürdi,
Duran gara jürjenä.

Bökdüm suwly ýaplara,
Ýüzdüm, «alma» oýnadym.
Oýnamaly oýunlaň
Oýnap, kemin goýmadym.

*Agageldi Allanazarow.*

**Ýumuş:** Gosgyny labyzly okaň.



## HOŞ, MEKDEP!

Ylym berdiň, okatdyň,
Bolduk senden hoş, mekdep!
Tomusky dynç alşyna,
Çykdyk indi,
Hoş, mekdep!

Dynç alarys tomusda,
Ýörişlerde bekäris.
Dürli ýaryş gurarys,
Täze kitap okarys.

Unutmarys biz üçin
Eden yhlaslaryňy.
Abatlarys, bezäris
Synp otaglaryňy.

Häzirlikçe, hoş, mekdep!
Ýene-de dolanarys,
1-nji sentýabrda
Gujagyňa dolarys.

*Kasym Nurbadow.*

**Sorag we ýumuş:**

1. Siz tomusky dynç alşyňyzda nirä gidýärsiňiz?
2. Gosgyny labyzly okaň we ýat tutuň.

8. Sargyt № 1501

## DEPDERIŇ NALYŞY

Meniňem ýüregim bar,
Özüm on iki sahypa.
Gursagym damar-damar,
Ýöne keşbim hapysa.

Ne başym bar, ne soňum,
Bilim iki büküldi.
Nädeýin, bar sahypa
Hapalandy, epildi.

Ýüzüm tegmilden doly,
Gözýaş deý damýar syýa.
Meni gören gülüşer.
Duşdum geleňsiz eýä.

*Öre Daşgynow.*

## DIKTANT

Hemme diktant ýazýar
On minut bäri.
Ünse öwrülipdir
Okuwçyň bary.

Haýsy söz eşdilse,
Bada-bat ony
Paýlaşýar gulaklar
Howada göni.

Hemmeleň ünsi
Oturda, bapda...
Siňegiňem sesi
Häzir hasapda.

Menem diktant ýazýan
Gaýrata galyp.
Töweregme meňzäp
Çyr-çitim bolup.

*A. Allanazarow.*

## ÝANGYN

Durdy elektrik peji toga birikdirdi. Soňra ol daş çykdy. Ýoldaşlary bilen oýna gyzykdy. Birsalymdan öýlerine geldi. Durdy howlularynda ýangyn söndürýän maşyny gördi. Penjireden burugsap tüsse çykýardy. Ýangynyň döremegine Durdy günäkärdi.

**Soraglar:**

1. Ýangyn nädip döredi?
2. Ýangyn döränträn wagty nirä jaň etmeli?

**Ýatda saklaň!**

Ýangyn döränträn wagty 01 nomere jaň etmegi unutmaň!

Jaýda gazyň ysy duýlanda, derrew penjireleri açyşdyrmaly, jaýy şemallatmaly.

Bir agaçdan birnäçe otluçöpüni ýasamak bolar. Otluçöpüň ýekeje çöpi bolsa birnäçe düýp agajy ýakyp bilýär. Otdan ägä boluň!

## OTLUÇÖP

«Bir kiçijik çöp-le» diýip,
Oň bilen güýç synanmagyn.
«Gutarardan köp-le» diýip,
Çyzyp, çakyp oýnamagyn.

Elhenç ýangyn döretmäge
Birje çöpüň güýji ýeter.
Oýlan, jigi, oýlan hany,
Howp bolarmy ondan beter!

Eger otlap oýnap ýörseň,
Ejeň seni söýermi, heý?
«Berekella, iş bitirdiň,
Akyllyjam» diýermi, heý?

*Aky Baýmyradow.*

## HAÝWANDYR GUŞLARYŇ DILI

Güjük gyr-gyrlar,
Pişik m.....
Gök baga ýaýrar,
Bilbiller s.....

Durna gygyldar,
Garga g.....
Kiçi bolan soň
Syçan j.....

Towuk wakgyldar,
Sülgün j.....
Alahekgeler
Tutda j.....

Pişijek jyklar,
Baýguş ir uklar.
Iki gumry-da
Bile guk.....

Gaplaň-a gürlär,
Ýolbarsam a.....
Ýaz gelse kölde
Gurbaga w.....

Düýeler bolar,
Guzular m.....
Gölesin gözläp,
Sygyrlar m.....

Pyşbaga pyşlar,
Zemzenem h.....
Jylawyn çeýnäp,
Bedewem k.....

Serçe jürküldär,
Gazlar g.......
Şemal-a şuwlar,
Şagalam u.......

Geplemän oňar,
Balyklar dymar,
Alaka ýöne
Hinine s.......

Ary wyzlaşar,
Güli g.......
Hemmesi bilen
Adat sözleşer.

*Kaýum Taňrygulyýew.*



## PYŞDYL, KEÝIK, GARGA-ÜÇÜSINIŇ DOSTLUGY

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym zamanda bir pyşdyl, bir keýik, bir garga dost bolupdyrlar. Bular näme iş etselerem, maslahatly edermişler.

Günleriň birinde keýik janawar duzaga düşenmiş. Şo mahal garga-da onuň ýanynda eken. Ol baryp çüňki bilen duzagy çözüp bilmändir.

Onsoň ol pyşdylyň ýanyna baryp, oňa:

– Keýik dostumyz-a awçynyň duzagyna düşdi. Men boşadyp bilmedim. Sen synanyşmasaň, boljak däl – diýen.

Onda pyşdyl:

– Bolýar, ýöne men onuň nirededigini bilemok. Salgy bereniňde-de nädip tapaýyn? – diýipdir.

Onda garga:

– Men uçup ýol görkezeýin – diýen.

Onda pyşdyl:

– «Gak-gak» edip uçup gitme-de, garynja tümmegi ýaly üýşmejik gum görseňem gonup git. Meni şeýdip, keýigiň üstünden eltmeseň, görýän ýerim barmy? – diýen.

Garga pyşdylyň aýdyşy ýaly edip, pyşdyly keýigiň ýanyna alyp barypdyr. Pyşdyl duzagy çeýnäp kertipdir-de, keýigi boşadypdyr.

Onsoň olar keýigi boşadan ýerlerinden gaçmagy maslahat edipdirler.

Pyşdyl janawar şubela mytdyldap gitse hem hiç ýol öndürip bilmändir. Keýik bilen garga hem pyşdyly taşlap, ondan aýrylyp gidip bilmändirler. Iň ýamany, pyşdylyň yzy ýerde ýol ýaly bolup ýatanmyş. Şol wagt şemal hem turmandyr.



Basym duzagyň eýesi gelipdir. Görse, bir zat duzagy kertip, keýigi boşadypdyr. Ol töweregine ser salanda, pyşdylyň yzy görnüpdir. Duzagyň eýesi pyşdylyň yzyny yzarlap, bir salymdan pyşdylyň yzyndan ýetipdir-de:

– Aý, pyşdyl, dur entek, sen betnebsi ýokarky çanagyňdan bir dyndaraýyn! – diýip, topulan.

Keýik janawar durup bilmän, pyşdylyň beýle gapdalyna ýykylypdyr. Duzagyň eýesi: «Ynha, maňa bir aw, belki, duzaga düşen keýikdir, aýagyny agyrdandyr» diýip, oňa topulan.



Duzagyň eýesi ýetiberende, keýik turup gaçyp, elli-altmyş ädime baryp, ýene ýykylypdyr. Duzagyň eýesi keýigi ýene kowalapdyr. Bular şeýdişip, esli ýere gidipdirler. Ahyrynda gün batyberende, keýik dars-dars edip, gözden gaýyp bolupdyr.

Şeýdip, keýigem pyşdyly ölümden halas edipdir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kimler dost bolupdyrlar?
2. Keýige näme bolýar?
3. Ony duzakdan kim boşadypdyr?
4. Keýik pyşdyly nädip ölümden halas edipdir?
5. Ertekini okap, mazmunyny gürrüň beriň.
6. Agzybirlige degişli nakyllary öwreniň.

### *Nakyllar*

*Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr.*

***

*El eli ýuwar, iki el birigip ýüzi.*

***

*Ýekäniň çaňy çykmaz.*

## HANY, OÝLAN, PIKIRLEN!






Nokatlary elipbiý tertibinde çyzyk arkaly birleşdirseňiz, bir haýwanyň şekilini görersiňiz.





Öýjükleri at söz toparyna degişli sözlerden dolduryň.

### REBUS



Okamagy başararmysyňyz?!

Öýjüklerde berlen harplary dogry yzygiderlilikde birikdirseňiz, bir nakyl okarsyňyz.

1. Bedew.

| | | |
|---|---|---|
| g | me | oň |
| ňa | ül | sy |
| g | şy | ler |
| ba | ge | ňa |

2. Bal ýygnaýan jandar.
3. Reňk.
4. Oba Geňeşliginiň ýolbaşçysy.
5. Patyşa, şa, .......
6. It atlarynyň biri.
7. Adam ady.




Dogry jogaby öýjüklere ýazsaňyz, reňklenen öýjüklerde «a» harpdan başlanýan bir agajyň adyny okarsyňyz.

**REBUS**

Görüp bolmaz göz bilen,
Tutup bolmaz el bilen.
Ösümlikler şybyrdap,
Seslenerler oň bilen.

Öýjüklerde berlen miweleriň atlaryny bilip, baş harplaryny birleşdirseňiz, tapmaçanyň dogry jogabyny okarsyňyz.







Suratdaky ýedi tapawudy tapyň!

**TAPMAÇA**

Birinji hem-de iň soňky harpy «K» bolan sözleri tapyp, öýjükleri dolduryň. Tapan sözleriňiz keseligine başyndan ýa-da aýagyndan okalanda-da şol bir manyny bermeli.



# ULY WE KIÇI HAÝWANLARYŇ ATLARY

Düýe. Erkegi – ner,
Iner, bugra, bugurçy.
Enesi – inen, düýe, guba.
Çagasy – köşek.





Guşlar. Erkegi horaz.
Enesi – towuk, mäkiýan.
Çagasy – jüýje, kel jüýje.

Gara mal. Erkegi öküz.
Enesi – sygyr, gulajyn.
Çagasy – göle, tüwe, tana.





Itler. Erkegi – köpek.
Enesi – gaýn.
Çagasy – güjük.

Gylýal. Erkegi – at, bedew, alaşa.
Enesi – baýtal.
Çagasy – taý, taýçanak, gunan.





Pişik. Erkegi – pişik, mawan pişik.
Enesi – pişik.
Çagasy – gijen (kä ýerde mawuja)





Geçi –dag tekesi.
Erkegi – teke, umga, aýrak.
Enesi – geçi.
Çagasy – owlak.

Dowar. Dag goçy.
Erkegi – goç.
Enesi – goýun.
Çagasy – guzy.





Ýolbars. Erkegi – şir, peleň, babyr.
Enesi – ene ýolbars.
Çagasy – güjük.

Eşek. Erkegi – eşek, arraw, har.
Enesi – mada eşek,
Çagasy – kürre.





Doňuz. Erkegi – ýekegapan, gara keýik.
Enesi – mekejin.
Çagasy – jojuk.

Bayragh.ir

انجمن شعر و ادب ترکمنی میراث

TurkmenMiras.ir

دایره المعارف ترکمن بایراق

Bayragh.ir